## "BLACKBERRY SOLUTION" ÜÇIN YGTYÝARNAMA YLALAŞYGY

**MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI GURNAMAZDAN ÝA-DA ULANMAZDAN ÖŇ ŞU RESMINAMA BILEN JIKME-JIK TANYŞMAKLYGYŇYZY HAÝYŞ EDÝÄRIS**

Şu BlackBerry Solution Ygtyýarnama Ylalaşygy (mundan beýläk "Ylalaşyk"), öňki wersiýasy BlackBerry Software Ygtyýarnama Ylalaşygy hökmünde belli bolan, Siziň hususy özüňiz, eger Siz ony öz adyňyzdan kabul edýän bolsaňyz, ýa-da eger Siz şu Maksatnama Üpjünçiligi kompaniýanyň ýa-da başga adamyň adyndan, kompaniýa ýa-da Siz adyndan çykyş edýän adamyň arasynda (islendik halatda "Siz") satyn almaga ygtyýarlandyrylan bolsaňyz, we hasaba alnan ofisi 1 International Business Park, The Synergy Building, 2nd Floor, Singapore 609917 salgysynda ýerleşen Research In Motion Singapore Pte. Limited ("RIM") Kompaniýasynyň (mundan beýläk bilelikde "Taraplar", ýekebara "Tarap") arasyndaky hukuk ylalaşygy bolup durýar. Ygtyýarnama we Maksatnamalaýyn Üpjünçiligi ýaýratmaklyga degişlilikde (aşakda berlen kesgitlemelere görä) RIM ygtyýarnamanyň gös-göni ýa-da gytaklaýyn saklaýjysy bolup durýar: (a) Research In Motion Limited ("RIM Kanada") ýa-da bir ýa-da birnäçe golçur şahamçalary (golçur şahamçalar RIM Kanada bilen bilelikde mundan beýläk şu Ylalaşykda "RIM Kompaniýalar Topary" hökmünde agyzlanyp geçilýär); ýa-da (b) RIM-i goşanda, RIM Kompaniýalar Toparyndan islendigine üçünji tarap bilen berlen ygtyýarnama.

ÖZ RAZYLYGYŇYZY AŞAKDAKY DEGIŞLI DÜWMÄ BASMAK BILEN, ÝA-DA MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI ÝÜKLEMEK, GURNAMAK, IŞE GIRIZMEK ÝA-DA ULANMAK BILEN TASSYKLAP, SIZ ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERI BILEN BAGLY BOLMAKLYGA RAZYLYK BILDIRÝÄRSIŇIZ. EGER SIZDE ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINE DEGIŞLILIKDE HAÝSYDYR SORAGLAR ÝA-DA ŞÜBHELER ÝÜZE ÇYKSA, ONDA RIM BILEN LEGALINFO@RIM.COM SALGYSY BOÝUNÇA BAGLANYŞMAGYŇYZY HAÝYŞ EDÝÄRIS.

SIZ ÝOKARDA GÖRKEZILEN USUL BILEN ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINI KABUL EDÝÄNLIGIŇIZI TASSYKLAP, SIZ ŞU YLALAŞYK SOŇKY ULANYJYNYŇ/ BLACKBERRY MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGIŇ, CEPBEPA BLACKBERRY MAKSATNAMALAR TOPLUMYNY ULANMAGA YGTYÝARNAMA BARADAKY YLALAŞYKLAR, ŞEÝLE HEM BLACKBERRY MAKSATNAMALAR TOPLUMYNY ULANMAGA YGTYÝARNAMA BARADAKY YLALAŞYKLAR, SIZIŞU YLALAŞYGY KABUL ETMEKLIGIŇ SENESINE BLACKBERRY SIZIŇ KARARYŇYZYŇ BÖLEGI BOLUP DURÝAN ISLENDIK MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGE BAŞGAÇA ULANYLÝAN MEŇZEŞ YLALAŞYKLARDAN BAŞGA, ÖŇ BAR BOLAN YGTYÝARNAMALARYNYŇ ORNUNY TUTÝANDYGY WE OLARYŇ ÜSTÜNDEN AGDYKLYK EDÝÄNDIGI BILEN YLALAŞÝARSYŇYZ (GOŞMAÇA MAGLUMAT ÜÇIN, AŞAKDAKY "YLALAŞYKLARYŇ BIRLEŞMESI" BÖLÜMINE SERET (27-NJI BÖLÜM)).

<u>Yzyna gaýtarmak.</u>

EGER MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI ÝUKLEMEZDEN, GURNAMAZDAN, IŞE GIRIZMEZDEN ÝA-DA YLANMAZDAN ÖŇ SIZ ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERI BILEN YLALAŞMAGY ISLEMEÝÄNLIGIŇIZ BARADA KARAR GELEN BOLSAŇYZ, ONDA SIZ BU MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI ULANMAKDAN MAHRUM BOLÝARSYŇYZ, WE SIZ: (A) RIM MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI DERREW YZYNA GAÝTARYP BERMELISIŇIZ, ÝOK ETMELISIŇIZ ÝA-DA ONY ÖÇÜRMELISIŇIZ; (B) EGER SIZ RIM-NIŇÖNÜMINI SATYN ALAN BOLSAŇYZ, WE ONDA ÖŇÜNDEN KOMPANIÝA TARAPYNDAN ÝA-DA RIM KOMPANIÝASYNYŇ ADYNDAN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI GURNALAN BOLSA, RIM-NIŇÖNÜMINI WE ÝANY BILEN GIDÝÄN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI WE PREDMETLERI SIZIŇ ALAN RIM-E ÝA-DA RIM-NIŇYGTYÝARLANDYRYLAN

DISTRIBÝUTORYNA ÝANY BILEN GIDÝÄN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI WE PREDMETLERI (RESMINAMALARY WE GABY GOŞANDA) DERREW ÖNÜMI YZYNA GAÝTARYP BERMELISIŇIZ; ÝA-DA (C) EGER SIZ KOMPANIÝA TARAPYNDAN ÝA-DA RIM KOMPANIÝASYNYŇ ADYNDAN ÖŇÜNDEN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI GOÝLAN ÜÇÜNJI TARAPYŇ ÇAKLAŇ ÖNÜMINI SATYN ALAN BOLSAŇYZ, ONDA RIM-NIŇÖNÜMINI WE ÝANY BILEN GIDÝÄN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINI WE ZATLARYNY SIZIŇ ALAN RIM-niň ÝA-DA RIM-niň YGTYÝARLANDYRYLAN DISTRIBÝUTORYNYŇ MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ ÖÇÜRILENDIGINE DERREW GÖZ ÝETIRMELISIŇIZ. Eger ýokarda beýan edilen ýagdaýda Siz Maksatnamalaýyn üpjünçilik we/ýa-da şeýle Maksatnamalaýyn üpjünçiligi bilen satyn alan RIM-niň Önümi üçin tölän bolsaňyz we şeýle Maksatnamalaýyn üpjünçiliksiz ulanmaga ukypsyz bolsaňyz (eger ulanyp bolsa), we Siz RIM-niň önümlerine bolan Maksatnamalaýyn üpjünçiligi satyn alan RIM-i ýa-da ygtyýarlandyrylan distribýutoryny şeýle satyn almaňyz baradaky öz subutnamaňyz bilen onuň amala aşyrylan senesinden başlap togsan (90) günüň dowamynda üpjün edýärsiňiz, RIM ýa-da ygtyýarlandyrylan distribýutor Siziň şu maddalar üçin tölän möçberiň (eger ulanyp bolsa) öwezini dolarlar. Üçünji tarapyň Çaklaň Önümlerindäki maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin öwez dolmasyny almak üçin (Üçünji tarapyň Çaklaň Önümleriniň käbirleri üçin maksatnamalaýyn üpjünçilik mugt berilýär we, şeýlelikde, öwez dolmasy üçin maddalar ýokdyr), şeýle Üçünji tarapyň Çaklaň Önümi üçin Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň ygtyýarly distribýutory bilen baglaşmagyňyzy haýyş edýäris. Eger ýokarda beýan edilen ýagdaýda Siz ygtyýarly distribýutordan Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin öwez dolma almaga ukypsyz bolsaňyz, onda RIM bilen legalinfo@rim.com saýtynda baglanyşmagyňyzy haýyş edýäris.

SIZE ŞEÝLE HÖKMANY KANUN TARAPYNDAN BELLENILEN HUKUKLAR BELLI BIR DEREJEDE BERLEN BOLSA, ONDA ŞU YLALAŞYK SIZIŇ ÝURISDIKSIÝAŇYZDA ULANYLÝAN SIZIŇ HÖKMANY KANUNY HUKUKLARYŇYZA TÄSIR ETMEÝÄR.

1. <u>Kesgitlemeler</u>. Eger kontekst başgaça talap etmeýän bolsa, onda şu Ylalaşykda kesgitlenilýän adalgalary aşakda berlen aňlatmalara laýyklykda düşündirilmelidir (kontekst talap edýän ýerinde birlik san öz içine köplük sany almalydyr we tersine).

"Efir wagtynyň hyzmaty" giň simsiz tor hyzmatlaryny, beýleki tor hyzmatlary (simsiz ýerli tory, hemrany we internet hyzmatlary goşanda) we Siziň BlackBerry Solution birleşdirmede ulanmak üçin Siziň Efir wagtyňyzyň hyzmatlaryny Upjün edijiler bilen üpjün edilýän islendik beýleki hyzmatlary aňladýar.

"Efir wagtynyň Üpjün edijisi" giň simsiz tor hyzmatlaryny üpjün edýän we Siziň BlackBerry Solution goldaýan ýa-da gowulandyrýan Efir wagtyňyzyň beýleki Hyzmatlaryny üpjün edip biljek edara görnüşindäki tarapy göz öňünde tutýar.

"Ygtyýarly Ulanyjylar" Siz öz BlackBerry Solution bölegi hökmünde Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaga rugsat berýän indiki adamlaryň islendigini göz öňünde tutýar: (a) Siziň gullukçylaryňyzyň, masalahatçylaryňyzyň ýa-da garaşsyz potratçylaryňyzyň islendigi; (b) islendik dostuňyz ýa-da maşgala agzasy, ýa-da Siziň jaýyňyzda ýaşaýan islendik adam; we (c) RIM tarapyndan ygtyýarlandyrylan islendik adam. Bu Ylalaşyk Siziň BlackBerry Serweriň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini üçünji tarap bilen ulanmaklyga awtomatiki taýdan hukuk geçirmeýär, eger Siz şeýle etmekligi isleseňiz, onda RIM bilen legalinfo@rim.com saýtda baglanyşmagy haýyş edýäris.

"BlackBerry Çaklaň Önümi", şeýle hem "BlackBerry Gurallary" hökmünde belli bolan, RIM kompaniýasy bilen ýa-da kompaniýanyň adyndan öndürilen, islendik smartfony, smart-kartlary okamak üçin guraly ýa-da BlackBerry Prezentatory we islendik RIM tarapyndan

http://.blackberry.com/legal/blackberrydevices_for_bbsla BlackBerry Çaklaň Önümi hökmünde identifisirlenen islendik başga guraly goşanda, simsiz göçme guraly aňladýar.

"BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçilik" RIM-niň eýeçiligini düzýän (RIM-niň eýeçiliginden düzülýän: maksatnamalaýyn üpjünçiliginden, maksatnamalanýan enjamdan, interfeýslerden, maksatnamalaýyn üpjünçiligiň tehniki taýdan oýlanan kodunyň barlygyna ýa-da ýoklugyna garamazdan mazmunyndan we beýleki maglumatlardan; we Üçünji tarapyň komponentlerinden), ýa-da Çaklaň Önümde ulanmak üçin işlenip taýýarlanan şeýläniň islendik bölegini: (a) sesini çykarmazlyk boýunça RIM-niň Çaklaň Önüminde ýüklenen; ýa-da (b) Siziň Çaklaň Önümiňizde ulanmak üçin özwagtynda Kompaniýa tarapyndan ýa-da RIM kompaniýasynyň adyndan Size geçirilen, ýaýradylan ýa-da başgaça berlen bolsa. BlackBerry Çaklaň Önüminiň Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň mysallary öz içine RIM-niň eýeçiligini düzýän operasion ulgamynyň maksatnamalaýyn üpjünçiligini we RIM-niň eýeçiligini düzýän BlackBerry Çaklaň Önüminde deslapky gurnalan, ýa-da "BlackBerry Goşmaçalaryň toplumyna" goşulan, Üçünji tarapyň Çaklaň Önümlerinde ulanmak üçin öz wagtynda kompaniýa tarapyndan ýa-da RIM kompaniýasynyň adyndan geçirilen, ýaýradylan ýa-da başgaça edilen goşmaçalary alýar.

"BlackBerry HK Maksatnamalaýyn üpjünçiligi" - RIM-niň eýeçiligini düzýän maksatnamalaýyn üpjünçiligini (RIM-niň eýeçiligini düzýän: maksatnamalaýyn üpjünçiligini, maksatnamalaşdyrylýan enjamy, interfeýsler, mazmuny we maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň tehniki taýdan oýlanylan kodynyň barlygyna ýa-da ýoklugyna garamazdan beýleki maglumatlar; we Üçünji tarapyň Komponentleri), ýa-da BlackBerry Solution bölegi hökmünde ulanmak üçin, islendik pursatda hususy kompýuterde ýeke-täk soňky ulanyjy bilen ulanmak üçin şeýläniň islendik bölegini aňladýar. BlackBerry HK Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň mysaly - Siziň Çaklaň Önümiňiz we Siziň hususy kompýuteriňiziň arasynda sinhronlaşmagy üpjün edýän hem-de goldaýan we dolandyryşyň beýleki stol üsti funksional mümkinçiliklerini üpjün edýän "BlackBerry HK Maksatnamalaýyn üpjünçiligidir".

"BlackBerry Prosumer hyzmatlary" RIM-niň müşderi bilen şeýle serwer maksatnamalaýyn üpjünçiligi satyn almaklyk zerurlygy bolmazdan RIM-niň eýeçiligi bolup durýan BlackBerry serwer maksatnamalaýyn üpjünçiligi bilen hödürlenýän kesgitlenen funksional mümkinçilikler bilen RIM-niň müşderlerini üpjün etmek üçin RIM tarapyndan işlenip taýýarlanan we hödürlenýän hyzmatlar bolup durýar. BlackBerry Prosumer hyzmatlary "RIM BlackBerry internet-hyzmat etmekligi" öz içine alýar. BlackBerry internet-hyzmat etmeklik ýazylanlara: (a) kesgitli ISP-leri ýa-da Siziň Çaklaň Önümiňize bir basyş bilen elektron poçtaňyzyň ýetirilişini üpjün etmek üçin üçünji taraplaryň elektron poçtasynyň beýleki hasaplaryny birikdirmeklige; (b) Siziň Çaklaň Önümiňiz üçin gurluşda esaslandyrylan elektron poçtanyň salgysyny döretmeklige; we (c) kesgitli internet-mazmunyna we hyzmatlara ýetmeklige ýardam berýär. BlackBerry internet-Hyzmat etmeklik elektron poçtasynyň funksional mümkinçilikleri "MyEmail", "BlackBerry Internet-Poçta" we/ýa-da Siziň Efir wagtyňyzyň hyzmatlar Üpjün edijisi tarapyndan kesgitlenilen önümiň ady hökmünde hem belli bolandyr. BlackBerry Prosumer Hyzmatlaryň ählisi ýa-da bir bölegi Siziň Efir wagtynyň hyzmatlaryňyzyň Üpjün edijisi bilen goldanman biler. Öz Efir wagtynyň hyzmatlaryňyzyň Üpjün edijisi bilen hyzmatlaryň elýeterliligi baradaky meseläni ylalaşmaklygy haýyş edýäris.

"BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn Üpjünçiligi" - RIM-niň eýeçiligini düzýän (RIM-niňeýeçiligini düzýän: maksatnamalaýyn üpjünçiligini, maksatnamalaşdyrylýan enjamy, interfeýsler, mazmuny we maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň tehniki taýdan oýlanylan kodynyň barlygyna ýa-da ýoklugyna garamazdan beýleki maglumatlar; serwer ugrunyň teswirnama identifikatoryny (SRP şahsyýeti anyklamak), SRP-niň hakykylygyny anyklaýyş kriptografiki açary we serwer maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň belli bir nusgasyny ulanmak üçin RIM tarapyndan göz öňünde tutulýan islendik başga identifikator; we Üçünji Tarapyň Komponentleri goşanda, emma olar bilen çäklenmän), ýa-da kompýuterde gurnamak we islendik pursatda köp gezeklik Çaklaň Önümlere elýeter bolmak üçin ýeke-

täk nusgasy işlenip taýýarlanan şeýläniň islendik bölegini aňladýar. BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiň mysallary belli bir korporatiw tejribe ähmiýetli serwerleriň (elektron poçtanyň serwerleri ýaly) arasyndaky aragatnaşygy birleşdirmek we üpjün etmek üçin işlenip taýýarlanan "BlackBerry Kärhananyň Serweri", "BlackBerry Kärhananyň Serweri" maksatnamalaýyn üpjünçiligi bilen işlemek üçin göz öňünde tutulan Çaklaň Önümleri we Çaklaň Önümler üçin telefonyň ofis aýratynlyklary elýeter etmek üçin işlenip taýýarlanan "BlackBerry-niň Mobil Sesi" maksatnamalaýyn üpjünçiligi öz içine alýar.

"BlackBerry Solution" Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, we, iň bolmanda, Maksatnamalaýyn üpjünçilik bilen bilelikde ulanmak üçin indiki goşmaça bölümleriň birini: RIM-niň Önümi, BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, BlackBerry HK Maksatnamalaýyn üpjünçiligi we/ýa-da Hyzmatlar; ulanylýan Resminamalar bilen bilelikde, aňladýar.

"Resminamalar" - RIM tarapyndan Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň, Önümiň ýa-da RIM-niň Hyzmatlaryň belli bir görnüşi we wersiýasy üçin taýýarlanylan we üpjün edilýän, howpsuzlyk boýunça islendik görkezijileri goşanda, ulanylýan gurnama gollanmasyny ýa-da soňky ulanyjynyň standart resminamalaryny aňladýar. Şeýle hem Resminamalar http://.docs.blackberry.com saýtynyň üsti ýa-da RIM bilen baglanyşylandan soň legalinfo@rim.com saýtynyň üsti bilen elýeter bolar. Resminamalar RIM-den başga islendik tarap bilen taýýarlanan ýa-da RIM-den başga islendik tarap bilen resminamalara bolan islendik täzeleýişleri eden gurnama gollanmalary ýa-da soňky ulanyjynyň resminamalaryny öz içine almaýandygyny takyklamak gerek.

"Çaklaň Önüm" - (a) BlackBerry Çaklaň Önümini; ýa-da (b) Üçünji Tarapyň Çaklaň Önümini aňladýar.

"RIM-niň çetki bölegi" – RIM-niň brendi: RIM-niň Önümi bilen bilelikde ulanmak üçinişlenip taýýarlanan esbaplar we indiki bölümleri goşanda, emma olar bilen çäklenmän çäklendirmeler, mikro SD kartlar ýa-da başga giňeldilen ýatlar we nauşnikler barlygyny aňladýar.

"RIM-niň Önümi" – islendik Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden başga, BlackBerry Çaklaň Önümleriniň islendigini we RIM-niň islendik Çetki bölegini aňladýar.

"Maksatnamalaýyn Üpjünçiligi" - islendik görnüşde, çygrda şu şertnama laýyklykda Size berlen ýa-da berliş usulynda, ýa-da soňy bilen gurnalan ýa-da ulanylýan Çaklaň BlackBerry islendik Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini, BlackBerry HK Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini ýa-da BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini aňladýar. Eger BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn üpjünçiliginde BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini starta (ýagny işe girmeklige) ukyplylygy bar bolsa, onda "maksatnamalaýyn üpjünçilik" adalgasy Maksatnama üpjünçiligi bilen üpjün edilen BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň islendigini we ählisini (başga möhletler we şertler üpjün edilenlerden başga islendik we ähli täzelenişleri ýa-da modernizasiýalary goşanda) öz içine alýar. "Maksatnamalaýyn üpjünçilik" adalgasy Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň ýa-da Üçünji Tarapyň Mazmunyny, Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň Mazmuny ýa-da Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýaýran ýaýramadygyna, RIM tarapyndan üpjün edilenligine ýa-da saklanýanlygyna, ýa-da eger şeýle Maksatnamalaýyn üpjünçilik BlackBerry Solution Maksatnamalaýyň üpjünçiligi we/ýa-da Çaklaň BlackBerry Solution islendik başga bölegi ýa-da Üçünji Tarapyň Çaklaň Önümi bilen bilelikde ýany bilen gidýänligine, üpjün edilendigine ýa-da işleýändigine garamazdan öz içine almaly däldir.

"Hyzmat (we)" - Kompaniýa bilen ýa-da RIM kompaniýasynyň adyndan Size Siziň BlackBerry Solution bölegi hökmünde berlen RIM-niň islendik hyzmatlaryny (Siziň ýazylýan BlackBerry Prosumer Hyzmatlary ýaly we TIM-niň islendik täze hyzmatlary ýa-da Size öz wagtynda RIM

tarapyndan üpjün edilýän ýa-da başgaça Size elýeter edýän RIM-niň bar bolan hyzmatlaryna täzeleýişler ýaly RIM-niň islendik hyzmatlaryny goşanda, ýöne olar bilen çäklenmän) aňladýar.

"Üçüňji Tarapyň Komponentleri" RIM-niň maksatnama önümine birikdirmek üçin ýa-da RIM-niň enjam önümleri halatynda maksatnamalaýyn enjamyna birikdirmek üçin we Üçünji Tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini goşmanda RIM-niň söwda belgisiniň astynda RIM-niň şeýle önüminiň aýrylmaz bölegi hökmünde ýaýran üçünji tarapdan RIM tarapyndan ygtyýarlandyrylýan maksatnamalaýyn üpjünçiligi we interfeýsleri aňladýar.

"Üçünji tarapyň mazmuny" - üçünji tarapyň arhiwini, maglumatlar bazasyny we websaýtlaryny çäklendirmesiz goşanda, üçünji tarapyň eýeçiligi bolup durýan mazmuny aňladýar.

"Üçünji tarapyň Çaklaň Önümi" - RIM tarapyndan BlackBerry Çaklaň Önüminiň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi hyzmat etmek üçin işlenip taýýarlanan ýa-da şeýläniň islendik bölegi we oňa degişlilikde RIM Siziň RIM-niň infrastrukturasyna barmaklygy alan üçünji tarapyň şeýle gurluşyna ygtyýarlandyrýan Efir wagty hyzmatlaryň Üpjün edijisi bilen ylalaşyga giren BlackBerry Çaklaň Önüminden başga, islendik simsiz çaklaň smartfony aňladýar.

"Üçünji tarapyň predmetleri" - Üçünji tarapyň Enjamyny, Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini, Üçünji tarapyň Önümlerini we Üçünji tarapyň Mazmunyny aňladýar.

"Üçünji tarapyň enjamy" - RIM-niň Önümi bolmadyk Çaklaň Önümleri, kompýuteri, enjamlary we enjamlaryň islendik başga önümini aňladýar.

"Üçünji tarapyň Önümleri" - RIM-niň Önümleri bolmadyk Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini we Enjamyny we islendik başga täjirçilik önümlerini aňladýar.

"Üçünji tarapyň hyzmatlary" - RIM tarapyndan dolandyrylmaýan, Efir wagtynyň hyzmatlaryny we islendik websaýty goşanda, üçünji tarap bilen üpjün edilýän hyzmatlary aňladýar.

"Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiligi" - RIM-niň Önümleriniň ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň üsti bilen üpjün edilen ýa-da başgaça elýeter edilen üçünji tarapzň eýeçiligi bolup durýan maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň awtonom goşundylaryny aňladýar. Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň mysallary – eger şeýlelelir stol üstündäki BlackBerry HK-da gurnalan Maksatnamalaýyn üpjünçiligi bilen birikdirmede üpjün edilen bolsa, BlackBerry, и "Roxio Media Menejer" Sonic Solutions belli bir Çaklaň Önümlerinde üpjün edilýän "Data Viz Resminamalary", "Gyssagly Start" ("Documents To Go").

"Siziň BlackBerry Solution" - Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, we, iň bolmanda, Siziň ýagdaýyňyzda ulanylyp bilinjek Maksatnamalaýyn üpjünçilik bilen birlikde Siz indiki goşmaça bölümleriň birisini satyn alýarsyňyz, gurnaýarsyňyz, ornaşdyrýarsyňyz ýa-da islendik başga usul bilen awtorlaşdyrýarsyňyz we onuň ulanylyşy üçin jogapkärçiligi öz üstüňize alýarsyňyz: ulanylýan Resminamalar bilen bilelikde RIM-niň Önümi, BlackBerry Serwer maksatnamalaýyn üpjünçiligi, BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, BlackBerry HK maksatnamalaýyň üpjünçiligi we/ýa-da Hyzmatlary (e) aňladýar.

2. <u>Maksatnamalaýyn üpjünçilik we Ygtyýarnama baradaky resminamalar.</u> Maksatnamalaýyn üpjünçilik ygtyýarlandyrylýar we şu şertnama laýyklykda satylmaýar. Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaga bolan Siziň ygtyýarnamaňyz ygtyýarnama tölegi tölenenden soň şertlidir, eger şeýle bar bolsa. Şu möhletlere we şertlere laýyklykda bu Ylalaşyk Size hususy, yzyna gaýtarylyp alynýan, aýratyn bolmadyk, başga birine bermesiz hukugy bilen ygtyýarnamany berýär, we ol Size we Siziň Ygtyýarly Ulanyjylaryňyza:

(a) Eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik – bu BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn üpjünçilik bolsa, onda:

(i) nusgalaryň (wirtual nusgalary goşanda) sanyna çenli RIM-e ýa-da RIM-niň ygtyýarly distribýutoryna Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin tölenen tölegine degişlilikde (we eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin töleg RIM-e ýa-da RIM-niň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna tölemäge sezewar edilmeýän bolsa, onda RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan distribýutory tarapyndan ýazmaça başgaça ygtyýarlandyrylan nusgalaryň sanyna çenli gurnamaly we ulanmaly) Maksatnamalaýyn üpjünçiligini gurnamaly we ulanmaly; we

(ii) RIM-e ýa-da RIM-niň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna Maksatnamalaýyn üpjünçilige (we eger Maksatnamalaýyn üpjünçilige Çaklaň Önümleriň rugsat berlenligi üçin töleg RIM-e ýa-da RIM-niň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna tölemäge sezewar edilmeýän bolsa, onda RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan distribýutory bilen ýazmaça görnüşinde başgaça ygtyýarlandyrylan Çaklaň Önümleriň sanyna çenli ulanmaly) rugsat berenligi üçin tölenilen tölege laýyk gelýän Çaklaň Önümleriň sanyna gurnamaly (mysal üçin, eger Siz "BlackBerry Kärhananyň Serweriniň" Maksatnamalaýyn üpjünçiligini ulanýan bolsaňyz, onda Siz BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň şeýle görnüşi bilen birikmede ulanylýan Çaklaň Önümleriň sany üçin müşderlere elýeter bolmak üçin ygtyýarnama satyn almalyşyňyz ýa-da başgaça şeýle Maksatnamalaýyn üpjünçilik elýeter bolamklyk mümkinçiligi alýan Ygtyýarly Ulanyjylaryň sanyny beýan edýän Rim-den rugsatnama almalysyňyz); we

(b) Eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik – Çaklaň HK BlackBerry ýa-da BlackBerry HK Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, onda:

(i) eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik öňünden enjamda gurnalan bolsa, onda enjamda gurnalan Maksatnamalaýyň üpjünçiligiň ýekeje nusgasyny ulanmaly; ýa-da

(ii) eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik öňünden enjamda gurnalmadyk bolsa, onda RIM-e ýa-da RIM-niň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin tölenilen tölege laýyklykda degişli enjamyň predmetleriniň sanyna Maksatnamalaýyn üpjünçiligi gurnamaly we ulanmaly (we eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin töleg RIM-e ýa-da RIM-niň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna tölemeklige sezewar edilmeýän bolsa, onda başgaça RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan distribýutory tarapyndan ýazmaça başgaça ygtyýarlandyrylan nusgalaryň sanyna çenli gurnamaly we ulanmaly).

Eger Siz ýazylyş esasynda Maksatnamalaýyn üpjünçiligi (we MYE-i bilen baglanyşykly islendik) ýa-da maksatnamanyň synag wersiýasynyň bölegi hökmünde satyn alsaňyz, onda ygtyýarnamanyň hukuklary ýokarda agzalan ygtyýarnama hukuklary Siziň zerur ýazylyş gonorarlary tölän diňe wagtyň döwri üçin ýa-da RIM tarapyndan ýa-da onuň ygtyýarly distribýutory tarapyndan (ýagdaýlara görä) ygtyýarlandyrylan wagtyň döwri üçin ulanylýar.

Ähli halatlarda, şu ylalaşyga laýyklykda berlen ygtyýarnama(lar) Size we Sizi Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyza Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaga rugsat berýär ýa-da ulanmaklyga ygtyýar berýär ýa-da diňe Siziň hususy içki ýa-da hususy maksatlaryňyzda we diňe Siziň BlackBerry Solution bölegi ýaly Hyzmatlara ygtyýar berýär. Eger Ygtyýarlandyrylan Ulanyjy beýleki BlackBerry Solution bölegi hökmünde (ýagny satmak hukugy RIM-e degişli önümlerden ybarat bolan BlackBerry Solution, maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýa-da hyzmatlary Siz ýa-da Siziň adyňyzdan hereket edýän kimdir biri almadyk, gurnamadyk ýa-da üpjün edilmedik bolsa, we Siz şeýle ulanmaklyk üçin jogapkärçilik çekmezden ulanmaga taýýar bolsaňyz; "Başga BlackBerry Solution") BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaklyga isleg bildirýän bolsa, onda şeýle ulanmaklyk şu ygtyýarnama ylalaşygyna goşulmadykdyr, we Siz Ygtyýarlandyrylan Ulanyjy

RIM bilen aýratyn ygtyýarnama ylalaşygyna girmekligi, we oňa görä oňa Başga BlackBerry Solution bölegi hökmünde BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaga (mysal üçin, eger Siz – korporasiýa, we Siziň gullukçyňyz onuň BlackBerry Prosumer Hyzmaty bilen birikdirip BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaklygy isleýär, we Siz onuň üçin jogapkärçilik çekmesiz şeýle ulanmaklyga rugsat bermeklige taýýar, Siziň gullukçyňyz şu Ylalaşyga laýyklykda Ygtyýarly Ulanyjy bolmaklyga goşmaça onuň ýa-da onuň hususy jogapkärçiliginiň astynda RIM bilen BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmaklyga Ygtyýarnama Ylalaşygyna girmelidir we şunuň bilen Başga BlackBerry Solution bilen Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmaklyga hukugy alýar. Köplenç BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmaklyga bolan Ygtyýarnama Ylalaşygy haçanda ol ýa-da ol BlackBerry Prosumer Hyzmaty bilen ulanmak üçin BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi gurnandan soň şeýle adama berler, başga halatda şu Ylalaşyk RIM-niň http://.blackberry.com/legal salgysy boýunça elýeterdir. Şeýle hem, Sizde UPW (BES) Girmeklik barada Kabul edilen Ylalaşyk bar bolsa, Siziň müşderleriňiz BlackBerry Kärhanasynyň Serweriniň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini öz BlackBerry Solution bölegi ýaly ulanmak üçin Ylalaşyk baglaşmalydyrlar.

Bärde berlen bu Ylalaşyk we ygtyýarnamalar indikilere bolan hukuklary ýa-da hukugy göz öňünde tutmaýar: (a) Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň ýa-da Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň geljeki kämileşdirmeleri ýa-da täzelendirmeleri; (b) BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi Çaklaň Önümde ulanylan halatynda, Maksatnamalaýyn üpjünçilige goşulanlardan başga, goşmaçalara rugsat almaklyk ukyby; ýa-da (c) islendik täze ýa-da üýtgedilen Hyzmatlary satyn almaklyk. Ýokarda beýan edilenlere garamazdan, Maksatnamalaýyn üpjünçiligi oňa bolan täzelenmeleriň ýa-da kämileşmeleriň barlygyny awtomatiki taýdan barlamak üçin funksional mümkinçilikleri öz içine alyp biler. Eger Siz, ýa-da Sizde onuň bilen öz BlackBerry Solution doly ýa-da bölekleýin üpjün etmeklige bolan ylalaşygyňyz bar bolan üçünji tarap, Öz BlackBerry Solution Maksatnamalaýyn üpjünçilige, Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligine ýa-da Hyzmatlara kämileşmeleriň ýa-da täzelenişleriň geçirişini ýa-da ulanylyşyny ýatyrmaga sazlamadyk bolsaňyz, onda Siz şunuň bilen RIM-niň şeýle täzelenişleri ýa-da kämileşmeleri öz wagtynda Size elýeter bolar ýaly edip biljekdigi (ýöne borçly bolup bilmeýär) bilen ylalaşýarsyňyz. Eger RIM-niň özi gös-göni ýa-da distribýutoryň üsri bilen (Siziň Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Upjün edijisini goşanda) Size elýeter bolan Maksatnamalaýyn üpjünçiligine ýa-da Hyzmatlara haýsydyr täzelenişleri we kämilleşmeleri edende, onda şeýle täzelenişler ýa-da kämilleşmeler, eger Maksatnamalaýyn üpjünçilik ýa-da Hyzmat Siz üçin ýörite aýratyn ýa-da goşmaça möhletler we şertler bilen berilmedik bolsa, şu Ylalaşygyň möhletlerine we şertlerine laýyklykda dolandyrylýar, bu ýagdaýda, eger Siz başga möhletleri we şertleri kabul edýän bolsaňyz ýa-da täzelenişi ýa-da kämilleşdirişi ulanýan bolsaňyz, onda başga ýa-da goşmaça möhletler we şertler (goşmaça ýygymlaryň tölegini öz içine alyp bilýän) ulanyp bolýar diýlip hasaplanylýar.

Siz doly ýa-da bölekleýin Maksatnamalaýyn üpjünçiligi çap edip, ýaýradyp ýa-da üýtgedip bilmersiňiz. Haçanda RIM şeýle hereketleri gadagan etmekden saklanmaga kanun tarapyndan borçly bolan halatynda, Siz şu Ylalaşykda ýa-da Siz bilen RIM-niň arasynda aýratyn ýazmaça ylalaşykda ygtyýarlanmagyňyzdan başga, Maksatnamalaýyn üpjünçiligi doly ýa-da bölekleýin çap edip, döredip ýa-da islendik başga usul bilen nusgasyny alyp bilmersiňiz. Şeýle "nusgasyny almak" ýa-da "döretmek" şertiniň çäklerinde, eger Resminamalarda beýan edilen maksatlar bilen ýa-da olara laýyklykda maksatnamany kadalay ulanmagyň döwründe adaty bolup geçse ýa-da işewür gatnaşyklaryň senagat standart tejribelere laýykylda Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçilik gurnalan kompýuteriň ýa ulgamyň üýtgemeýän yzygiderli ätiýaçlyk nusgalaryny döretmegiň dowamynda Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň tassyklamalarynyň we görkezijileriniň nusgasyny almaklygy öz içine almaýar. Siz, eger Siz RIM tarapyndan şeýle hereketleri etmäge gös-göni ygtyýarlanmadyk bolsaňyz, Resminamalaryň ýa-da onuň böleginiň nusgalaryny alyp bilmersiňiz. Siz şu möhletler we şertler bilen ylalaşyp we Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmak bilen bilelikde dine Siziň ulanmagyňyz üçin Resminamalaryň ýeke-täk nusgasyny http://.docs.blackberry.com saýtdan ýükläp bilersiňiz.

3. Siziň BlackBerry Solution ulanylyşy. Siz öz BlackBerry Solution degişlilikde Siziň we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz bilen eden ähli hereketler üçin jogapkärsiňiz, we Siz indikilere kepillik geçýärsiňiz:

(a) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz diňe BlackBerry Solution ýa-da onuň islendik bölegini şu Ylalaşyga, ähli ulanylyp boljak kanunlara we görkezijilere we Siziň BlackBerry Solution ýa-da onuň bölegine degişli Resminamalara laýyklykda ulanýarsyňyz;

(b) Sizde öz adyňyzdan ýa-da kompaniýanyň, beýleki edara görnüşindäki tarapyň ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigiň adyndan şu Ylalaşyga girmek üçin hukugyňyz we ygtyýarlyklaryňyz bar we Siz kämillik ýaşyna ýetdiňiz;

(c) RIM tarapyndan şu Ylalaşyga laýyklykda berlen islendik maglumat dogry, takyk, gündeki we doly bolup durýar;

(d) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz şeýle talaplar ýerine ýetirilenden soň, Siziň ýagdaýyňyzda ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjyňyzyň ýagdaýynda akylly adamyň edişi ýaly düşünjeli öz BlackBerry Solution ýa-da onuň bölegini aýratynlykda ýa-da islendik başga maksatnamalaýyn üpjünçilik bilen RIM-niň garamagynda RIM-i ýa-da Efir wagtynyň hyzmatlaryny Üpjün edijini goşanda islendik adam tarapyndan ulanylýan islendik maksatnamalaýyn üpjünçilige, ulgama, tora ýa-da maglumatlara goşulşmak, kemsidýän ýa-da ýaramaz täsir edýän ýa-da RIM-e, RIM-niň Kompaniýalar Toparyna, Efir wagtynyň hyzmatlarany Üpjün edijisine ýa-da olaryň degişli müşderleriniň islendigine başgaça ýaramaz täsir edýän usul bilen düşünjeli ulanmarsyňyz ýa-da beýlekilere ulanmaga rugsat bermersiňiz, we Siz RIM-den şeýle ýagdaýyň bardygy barada habarnama alan badyňyza derrew islendik şeýle işi bes edersiňiz;

(e) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz öz BlackBerry Solution ýa-da onuň islendik bölegini ulanyp kemsidiji, dil ýetirýän, töhmetçilikli, bikanun ýa-da ýalan habarlary, mazmuny ýa-da maglumaty ibermersiňiz;

(f) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz jenaýat etmekde ýa-da etjek bolup synanşykda ýa-da hususy durmuşyň islendik bozulmasyny ýa-da intellectual eýeçiligine bolan islendik hukuklaryň berjaý edilmesizligini, bosulmasyny ýa-da bikanun eýelemegini we/ýa-da islendik üçünji tarapyň beýleki eýeçilik hukuklaryny (Siziň we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyzyň nusagalaryny almaga we ýaýratmaga hukuklaryňyz bolmadyk Üçünji tarapa degişli bolan Mazmuny çäksiz nusga almaklygy we ýaýratmaklygy, ýa-da sifrli hukuklaryň dolandyryşynyň islendik goragyny bikanun aýlanyp geçýän hereketleri goşanda) goşanda, islendik jenaýatyň ýa-da beýleki bikanun ýa-da zyýan ýetiriji hereketi edilişini ýeňletmek üçin öz BlackBerry Solution ýa-da onuň islendik bölegini ulanmarsyňyz;

(g) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýa-da onuň islendik bölegini, ýa-da Siziň Hyzmatlary ulanmaga bolan hukuklaryňyzy ýa-da olaryň islendik bölegini (Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanyp, hyzmat ediş býurosynyň işiniň ýa-da meňzeş işiniň geçirmekligini goşanda) öňünden RIM-niň takyk ýazmaça razylygyny alman islendik başga adama satmarsyňyz, karzyna bermersiňiz, kärendä almarsyňyz, özüňiziňkini bermersiňiz ýa-da geçirmersiňiz, ýa-da satmak, karzyna bermek, kärendä almak, özüňiziňkini bermek ýa-da geçirmek synanşyklary etmersiňiz;

(h) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz kompaniýa tarapyndan ýa-da RIM kompaniýasynyň adyndan RIM-niň deslapky ýazmaça rugsatnamasyny almazdan islendik

başga guralda ulanmak üçin RIM-niň Önüminde deslapky gurnalan islendik Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýa-da onuň islendik bölegini geçirmersiňiz ýa-da geçirmek synanşygyny etmersiňiz;

(i) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz RIM bilen hyzmatdaşlyk edersiňiz we RIM-e şu Ylalaşygyň bozulmasyny barlamada ýa-da barlygyny kesgitlemekde ýardam bermek üçin RIM-niň talap edýän maglumaty bilen üpjün edersiňiz we RIM-i ýa-da RIM tarapyndan bellenilen garaşsyz auditory RIM-niň Önümleri, Hyzmatlary ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanylan ýa-da ulanylýan jaýlara we kompýuterlere barmaklygy ýa-da islendik bagly hasabatlar bilen üpjün edersiňiz. Siz şunuň bilen RIM-ni indikiler bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin ygtyýarlandyrýarsyňyz: (i) güman edilýän jenaýat bozulmalary derňemekde hukuk ulanyjy edaralary; (ii) şu Ylalaşygyň bozulmagynda hereketleriň barlagynda üçünji taraplar; we (iii) şu Ylalaşygy ýerine ýetirmeklige getirmek üçin internet hyzmatlaryň, torlaryň ýa-da hasaplaýjy serişdeleriň Prowaýderlerde ulgam dolandyryjylary. Şeýle hyzmatdaşlyk RIM-niň, Siziň ulanyjy adyňyzyň ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyzyň atlarynyň, IP salgyňyzyň ýa-da başga hususy maglumatyňyzyň açylmagyny öz içine alyp biler.

4. Üçünji tarapyň predmetleri we Üçünji tarapyň Hyzmatlary. Siziň BlackBerry Solution ulanmagyňyz bilen baglylykda Siz Üçünji tarapyň predmetlerini we Üçünji tarapyň Hyzmatlaryny satyn alyp ýa-da elýeter bolar ýaly edip bilersiňiz.

(a) Üçünji tarapyň zerur Predmetleri. Siz Üçünji tarapyň Predmetleriniň we Üçünji tarapyň Hyzmatlarynyň (kompýuter ulgamlaryny, internet bilen birikmek mümkinçiligini, we Efir wagtynyň Hyzmatlaryny çäklendirmesiz goşanda) kömegi bilen öz BlackBerry Solution dolandyrmaklygy isläp, olaryň RIM-niň minimal talaplaryna, işläp taýýarlanyşyň tizligini, ýadyny, müşderiniň maksatnamalaýyn üpjünçiligini we Resminamalarda beýan edilişi ýaly Siziň BlackBerry Solution üçin talap edilýän Internete bolan ýöriteleşdirilen Girmekligiň ýaramlylygyny çäklendirmesiz goşanda, laýyk gelmeginiň üpjünçiligi üçin, we Üçünji tarapyň şeýle Predmetlerine we Üçünji tarapyň Hyzmatlaryna hormat goýup, Sizin we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Üçünji tarapyň şeýle Predmetleriniň we/ýa-da Üçünji tarapyň Hyzmatlarynyň Siziň BlackBerry Solution bilen ulanylmagy hiç hili ygtyýarnamalary, möhletleri, şertleri, kanunlary, düzgünleri we/ýa-da gözükdirijileri bozulmazlygy üçin jogapkärsiňiz.

(b) Efir wagtynyň Hyzmatlary. Köplenç Siziň BlackBerry Solution, ony dogry ulanmak üçin Efir wagtynyň Hyzmatlary üçin ýazylmagyňyzy talap eder, we Siz bu ýazylyşygy Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň Upjün edijisiniň (ýa-da, bu elýeter ýerde, Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň Upjün edijisiniň adyndan RIM-niň üsti bilen) üsti bilen satyn almalysyňyz; şu Efir wagtynyň Hyzmatlary Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň Upjün edijisiniň möhletlerine we şertlerine laýyklykda peýdalanylmalydyr. Eger Siz Siziň sebitiňizde Siziň BlackBerry Solution goldaýan Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň Upjün edijileri baradaky maglumatlary almaklyga isleg bildirseňiz, onda Siz RIM bilen legalinfo@rim.com saýty boýunça baglanyşmagyňyzy haýyş edýäris.

(b) Üçünji taraplaryň Zerur Hyzmatlary. Şeýle hem RIM Sizi BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçilik bilen üpjün edip biler we ol Size Üçünji tarapyň ýöriteleşdirilen Hyzmatlaryna ygtyýar almaga rugsat bermek üçin ýörite işlenip taýýarlanandyr (mysal üçin, My Space we MSN Messenger). Siziň Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň Upjün edijisi şeýle üpjünçiligi almak üçin Siziň Çaklaň Önümiňiziň üsti bilen Üçünji tarapyn Hyzmatlaryna Size ygtyýar almaklyga rugsat bermelidir. Şeýle hem Siz Üçünji tarapyň Hyzmatlarynyň kesgitlenen aýratynlyklary bilen we Siziň Üçünji tarapyň Hyzmatlaryna degişlilikde razylyk

beren möhletlere we şertlere laýyklykda dolandyryljak şeýle BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ulanmak üçin Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň Upjün edijisinden hasap talap edip bilersiňiz.

Eger Siz RIM websaýtyň, mazmunyň, predmetiň, önümiň ýa-da hyzmatyň çeşmesi bolýan bolmaýanyna ynanjyňyz bolmasa, onda RIM bilen legalinfo@rim.com saýt boýunça baglanyşmagyňyzy haýyş edýäris. Eger Siz Internet arkaly üçünji taraplar bilen işleýän bolsaňyz ýa-da Üçünji tarapyň Hyzmatlary bilen hyzmatdaşlykda bolsaňyz, onda Siz kim bilen iş salyşýanyňyzy tanaýandygyňyzy we Siziň alyp biljek, getirilmegini we tölegiň şertleri, ulanyş möhletleri, soňky ulanyjy üçin ygtyýarnamnyň möhletleri, önümi yzyna gaýtarmaklyk mümkinçiligi, hususy maglumatyň ýaýratmazlyk şertleri, hususy sazlanyşlar we Siziň hususy maglumatlaryňyzyň goragy üçin we Siziň hususy howpsuzlygyňyzyň kepillikleri üçin niýetlenilen gorag serişdeleri bilen çäklenmän goşanda, islendik websaýtlar we Üçünji tarapyň islendik Hyzmatlary ýa-da Üçünji tarapyň Predmetleri bilen bagly möhletleri we şertleri bilýandigiňize ynamyňyzy ýetiriň. Eger Siz üçünji taraplar bilen ylalaşyga girýän bolsaňyz, onda Siz şeýle ylalaşyklaryň möhletleriniň we şertleriniň ýerine ýetirilişi üçin jogapkärçilik çekersiňiz.

5. <u>Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi we Üçünji tarapyň Komponentleri üçin Goşmaça şertler.</u> Ýokarda beýan edilenleri çäklendirmän, Maksatnamalaýyn üpjünçilik Üçünji tarapyň Komponentlerini öz içine alyp biler we Siziň BlackBerry Solution bilen Siziň iş tejribäňizi gowulandyrmak üçin, Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi RIM-niň Önümleri bilen ýa-da RIM tarapyndan ilkibaşda üpjün edilen ýa-da soňy bilen berlip, ýaýradylyp ýa-da başgaça Size özwagtynda elýeter edilen Maksatnamalaýyn üpjünçilik bilen birikmesinde üpjün edilip bilner. Siziň Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini we Üçünji tarapyň Komponentlerini ulanmagyňyz (oňa bolan islendik täzelenişleri ýa-da kämilleşdirişleri goşanda) aýratyn ýa-da goşmaça möhletlere we şertlere tabyn bolup biler. Bu aýratyn ýa-da goşmaça möhletler we şertler, eger şeýleler bar bolsa, Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň ýany bilen bolýan tekst görnüşindäki faýlda beriler we/ýa-da Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi halatynda Siz Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini ilkinji gezek ulananyňyzda ýa-da gurnanyňyzda elýeter edilip bilner. Size RIM tarapyndan berlen Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligine degişlilikde RIM şeýle maksatnamalaýyn üpjünçiligini diňe Siziň şeýle maksatnamalaýyn üpjünçilik indiki ýagdaýlarda berilýändigine düşünmek, ykrar etmek we ylalaşmak şertinde üpjün etmäge ýagdaýy bolar: (a) Size diňe goşmaökmünde berilýär; we (b) eger ol maksatnamalar toplumyny ulanmaga bolan aýratyn ygtyýarnama ýanyna goşulmadyk bolsa, edil bu Maksatnamalaýyn üpjünçilik bolan ýaly bolsa, haçanda ol RIM tarapyndan anyk beýan edilmedik ýa-da göz öňünde tutulmadyk şertlersiz, makullamalarsyz, kepilliklersiz, hödürlemelersiz ýa-da üpjün edilmelersiz "BOLŞY ÝALY" we "ELÝETER BOLŞY ÝALY" ýagdaýlardan başga halatlarda. onuň ulanylyşy şu Ylalaşygyň möhletlerine we şertlerine laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Eger Siz Üçunji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini başga şertlerde almaklygy isleseňiz, onda Siz bu Üçünji tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini gös-göni onuň üpjün edijilerinden satyn almalysyňyz. Siziň we üpjün edijiniň arasyndaky şeýle aýratyn ygtyýarnama ylalaşyklary ýa-da goşmaça şertler hiç bir halatda hökmany ýa-da islendik goşmaça borçnamalary, ýa-da RIM-e şu Ylalaşygyň şertlerinden gelip çykmaýan borçnamalary ýükleýän bolup bilmez. Eger Üçünji tarapyň islendik Komponenti Size Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin şu ylalaşyga görä Size berilýän hukukdan has giň bolan Üçünji tarapyň Komponentiň ählisini ýa-da onuň bölegini ulanmaga, nusga almaga, ýaýratmaga ýa-da üýtgetmäge bolan hukugy Sizi üpjün edýän goşmaça möhletlere we şertlere tabyn bolsa, onda Siz şu Ylalaşygyň möhletlerini we şertlerini bozmazlyk şerti bilen şeýle hukuklardan peýdalanyp bilersiňiz.

6. <u>Kriptografiýanyň desktop goldawy</u>. BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn Üpjünçilik öz içine maksatnamalaýyn modullary hem alyp bilýär, olar bar bolan desktop kriptografik goşundylaryny (Wersiýa 3.0 S/MIME (ýa-da ondan soňkylar) ýa-da RFC 2440 standartlaryna esaslanan RFC 2440, PGP ýaly goşundylary) (her biri aýratynlykda "Desktop kriptografiki goşundysy" diýlip atlandyrylýar) simsiz aragatnaşyk arkaly belli bir çaklaň önümlere ýaýratmaga ulanyjylar üçin mümkinçilik döredýär. Belli bir Desktop Kriptografiki Goşundylaryny edinmek üçin Üçünji Tarapyň Desktop Kriptografiki Goşundylaryny Satyjysyndan satyn almaly bolup bilersiňiz. RIM Kriptografiki goşundysynyň aýratyn bir infrasturktura bölekleri bilen üpjün etmeýär we

Kriptografiki goşundyňyzyň infrastrukturasynyň islendik bir bölegini saýlamak, edinmek, ýerine ýetirmek, işi we ýerine ýetirmezligi, goldawy, takyklygy ýa-da ygtybarlygy boýunça, şol sanda emma diňe şular bilen çäklenmän, infrastrukturanyň maksatnamalaýyn üpjünçiligini saýlamak, takyklygy ýa-da ygtybarlygy, üçünji taraplaryň islendik trast gollary, açyk açarlary, üçünji taraplaryň şahadatnamalary we degişli hyzmatlary, Kriptografiki goşundynyň infrastrukturasy bilen bilelikde ulanylýan islendik aslyna muwaplylyk we aslyna muwaplylygyň usuly boýunça RIM jogapkärçilik çekmeýär. Siz Kriptografiki goşundynyň ulanylýan infrasturkturasyny, maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň şahadatnamalaryny, açyk açarlary we islendik beýleki hyzmatlary ýa-da siziň aýratyn Desktop Kriptografiki goşundyňyz bilen bilelikde ulanyp bilýän maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň açarlaryny ulanmagyňyz bilen baglanyşykly islendik möhletler we şertler, prosessual kadalar we resminamalar boýunça jogapkärçilik çekýärsiňiz. RIM SIZIŇ DESKTOP KRIPTOGRAFIKI GOŞUNDYŇYZYŇ NETIJESI ÝA-DA OŇA DEGIŞLI ISLENDIK MESELE BOÝUNÇA HIÇ HILI JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄR

7. <u>Intellektual eýeçiligi</u>. Siziň hasaba alnan ulanyjylaryňyza hem şunuň bilen intellektual eýeçiligine, atlandyrmak ýa-da oňa gatnaşmak hukugy ýa-da beýleki eýeçilik hukuklary, şol sanda patentler, söwda belgileri, awtorlyk hukugy, maglumat bazasyna bolan hukuk ýa-da, BlackBerry Solution ýa-da onuň islendik bölegine degişlilikde, islendik gizlin maglumata ýa-da söwda syryna bolan hukuk Size berilmeýär. Şeýle hem, Size şu ylalaşyk ýa-da RIM bilen öz araňyzda bolup biljek başga bir özara ýazmaça ylalaşyk boýunça Size aç-açan ygtyýarlandyrylýan hukuklardan başga BlackBerry Solution ýa-da onuň islendik bir bölegi bilen baglanyşykly ýa-da onuň üçin ygtyýarnama berilmeýär. Şu Ylalaşyk esasynda RIM Önüm(ler)iniň adyna we/ýa-da oňa degişlilikde hiç hili eýeçilik hukugy size berilmeýär. Şu Ylalaşykda aç-açan beýan edilmedik islendik hukuklar Kompaniýa tarapyndan saklanylyp galýar. Şu Ylalaşykda haýsydyr-bir agzalan zatlara garamazdan mundan beýläkde aýdyňlyk üçin Maksatnamalaýyn üpjünçilikde berilýän ygtyýarnamalar hiç hili ýagdaýda Üçünji taraplaryň islendik hukuklaryny ýa-da awtonom esasynda ýa-da siziň BlackBerry Solution bilen bilelikde "Üçünji taraplaryň predmetlerini" ulanmak üçin garalmaly ýa-da ýaýradylmaly däldir, we ýokarda beýan edilenleri çäklendirmän şu ylalaşyga degişlilikde berilýän ygtyýarnamalar hiç hili ýagdaýda awtonom esasynda ýa-da BlackBerry Solution bilen bilelikde Üçünji tarapyň ýa-da üçünji tarapyň nokatlarynyň hyzmatlaryny ulanmagy üpjün edýän Üçünji taraplaryň hyzmatlary ýa-da predmetleri bilen üpjün edijiniň şu Maksatnamalaýyn Üpjünçilik şu ylalaşyk boýunça ygtyýarlandyrylýandygynyň delili esasynda RIM patentleri bilen ygtyýarlandyrylýar diýip tassyklamaga hiç hili esas döretmeýändir. Maksatnamalaýyn üpjünçilik, şol sanda Maksatnamalaýyn üpjünçilikden alýan islendik nusgalaryňyz, şu yllaşyk esasynda size satylmaýar diňe ygtyýrlandyrylýandyr, islendik hyzmatlary siziň üçin elýeter edýän Maksatnamalaýyn üpjünçilik, ähli resminamalar we onuň iselndik bir bölegi Kanadanyň, ABŞ-nyň, we halkara awtorlyk hukugy, patentler barada hukuklar we halkara şertnamalaryň düzgünnamalary bilen goralýandyr. Intellektual eýeçiligi bozmak agyr raýat we jenaýat jezalandyryş çäreleriniň görülmegine getirýändir. Şunuň bilen, siz şu ylalaşykda hiç bir zat hukuklara we serişdelere, şol sanda, emma diňe şular bilen çäklenmän, RIM-niň intellektual eýeçilik goragyna ýa-da beýleki eýeçilik hukuklara degişli bolan islendik ulanylýan kanunlar boýunça RIM-niň kazyýet tarapyndan gadagan etmelerine zyýan ýetirmejekdigi bilen razylaşýarsyňyz.

<u>8. Cisco tehnologiýasyny geçirmegi gadagan etmek.</u> Eger-de siziň BlackBerry Solution-de Cisco-nyň haýsy bolsa-da bir tehnologiýasyny özünde saklaýan bolsa, onda Cisco–nyň tehnologiýasyny ulanmaga degişli bolan hukugyňyzy göz öňünde tutup, Siz Cisco–nyň tehnologiýasynyň düzümindäki ýa-da oňa degişli önümleri döretmek, ulanmak, satmak, satuw üçin teklip etmek ýa-da import etmek üçin Cisco tehnologiýasy bilen baglanyşykly patent hukuklaryny Cisco, Cisco–nyň müşderilerine, distribýutorlaryna we Cisco tehnologiýasynyň ygtyýarnama eýelerine garşy ulanmajakdygyňyz bilen razylaşýarsyňyz. Şu Ylalaşygyň maksadyna laýyklykda, "Cisco Tehnologiýasy" diýip maksatnamalaýyn üpjünçilige, Ýeňil Giňişleýin Parhlandyrýan Teswirnamany (ÝGPT), ÝGPT-ň ýöriteleşmelerini, Cisco-nyň müşderisiniň Giňişleýin tehnologiýasyny, ÝGPT we/ýa-da Cisco-nyň müşderisiniň Giňeltmelerine degişli bolşuna görä tehniki maglumatlary, algoritmleri aňladýar.

9. Eksporta, Importa we Ulanmaga degişli çäklendirmeler hem-de Amerikanyň Hökümet Ygtyýarnamalary.

(a) Siz RIM-niň Önümleri we Maksatnamalaýyn Üpjünçilikleri kriptografiki tehnologiýardan ybaratdygy bilen ylalaşýarsyňyz, olaryň ekport, import edilşine we/ýa-da ulanylşyna Hökümet kanun ýa-da düzgünleşdirmeler arkaly (aşakda beýan edilen kesgitlemelere laýyklykda) gözegçilik edip biler. Siz RIM Önümleriniň we Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň ekport ýa-da import edilýän ýurt(lar)yň we/ýa-da çäk(ler)iň hökümetiniň we milli we/ýa-da beýleki (milli we millet üsti) hökümetleriň (hemmesi bilelikde "Hökümet häkimiýeti (we)") kanunlary we düzgünnamalary bilen kesgitlenen usullardan başga usul arkaly eksport, import edilmejekdigi, ulanylkmajakdygy, başga birine geçirilmejekdigi bilen razylaşýarsyňyz. Çäklendirmesiz, siz RIM Önümlerini we Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini (i) Kanadanyň Sebitleýin Barlag Sanawyndan islendik döwlete; (ii) BMG-ň Howsuzlyk Geňeşiniň embargo çärelerine sezewar bolýan islendik döwlete; (iii) Kanadanyň Eksportyna Gözegçilik etmek Sanawynyň 5505 nokadyna garşy; (iv) Amerikanyň ykdysady sanksiýalaryna we embargo sezewar bolýan döwletlere; hem-de (v) Amerikanyň eksportyny ýa-da gelip çykan ýeri Amerika bolan predmetleri almak gadagan edilen şahslara ýa-da edara görnüşli taraplara eksport edip bolmaýandygy bilen razylaşýarsyňyz. Eger-de şu Bölüme degişli soragyňyz bar bolsa, onda legalinfo@rim.com boýunça RIM bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris. Şunuň bilen, Siz: (A) size mälim bolşuna görä ulanylýan kanunçylyga laýyklykda RIM Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň Önüm(ler)ini almaga hukugyňyzyň bardygyny; (B) RIM-niň Önümlerini we Maksatnamalaýyn üpjünçiligini himiýa, biologiýa we ýadro ýaraglaryny ýa-da olaryň üpjün ediş raketa ulgamlaryny, ýa-da şeýle ýaraglarda ýa-da üpjün ediş raketa ulgamlarynda ulanylyp bilinýän materiallary ýa-da enjamlary kämilleşdirmek, öndürmek, işläp taýýarlamak, hyzmat etmek, saklamak, ýüze çykarmak, identifisirlemek ýa-da ýaýratmak üçin, hat-da şeýle işlere gatnaşýan islendik fiziki ýa-da hukuk şahslary okatmak ýa-da olara eksport etmek üçin ulanmajakdagyňyzy; (C) RIM Önüm(ler)ini we Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini Ygtyýarly Ulanyjylar mundan öň beýan edilen çäklendirmelere laýyklykda ulanýandygyny kepil geçýändigiňiz barada tassyk edýärsiňiz. Üçünji tarap bilen araňyzda bolan islendik ylalaşyga we düzgünleşdiriji edaranyň ýa-da syýasatyň kanunynyňň islendik şertine garamazdan, eger-de siz Amerikanyň Brileşen Ştatlarynyň hökümetiniň haýsy bolsa-da bir gullugy bolsaňyz, onda siziň Maksatnamalaýyn üpjünçilige degişli hukuklaryňyz şu ylalaşyk bilen üpjün edilen hukuklaryňyzdan artykmaç bolmaly däldir, eger-de Siz bilen RIM arasynda ýazmaça görnüşde RIM-niň Baş dolandyryş direktory ýa-da RIM-niň Baş ýerine ýetiriji direktory tarapyndan gol çekilip başga-ça ylalaşylmadyk bolsa.

(b) Şunuň bilen, Siz RIM-i, RIM kompaniýalar toparyny we Efir wagtynyň hyzmaty bilen üpjün edijini şu Bölümde görkezilen şertlere, ylalaşyklara we görkezmelere laýyklykda hereket etmekden boýun gaçyrmagyňyz netijesinde ýüze çykan islendik talaplardan, hereketlerden, jogapkärçiliklerden ýa-da çykdajylardan (şol sanda hukukçylaryň iş haklaryndan we olara degişlilikde edilýän harajatlardan) boşatmaga razylyk berýärsiňiz.

10. Howpsuzlyk. Siziň BlackBerry Solution-ňyz Siziň Çaklaň Önümiňiz bilen onuň işleýän kompýuter ulgamynyň arasynda aragatnaşyk üçin şifrlenen maglumatlary saklamakgyň howpsuzlyk derejesini ulanyp bilýär. Siz Çaklaň Önümiňize we şeýle kompýuter ulgamyna elýeterliligi dolandyrmak üçin degişli hospsuzlyk çarelerini görmek boýunça doly jogapkärçiligi öz üstüňize almaga razylaşýarsyňyz.

11. Gizlinlik we yzyna taslamalaşdyrmagy gadagan etmek. Siz Maksatnamalaýyn üpjünçilgiň (a) uzak möhletiň dowamynda we RIM we/ýa-da RIM kompaniýalarynyň toparynyň çykdajylarynyň hasabyna işlenilip taýýarlanylandygyny; we (b) Maksatnamalaýyn üpjünçilik we onuň bilen baglanyşykly MYE RIM-niň, RIM kompaniýalar toparynyň we olaryň degişli üpjün edijileriniň şol sanda söwda syrlaryna degişli gizlin

maglumatlaryny özünde saklaýandygyny kabul edýärsiňiz we razylaşýarsyňyz. Bu ylalaşyk eger-de kanun tarapyndan gadagan edilýändigi barada RIM duýdurulan ýagdaýlardan baş-ga halatlarda Size RIM-den ýa-da onuň distribýutorlaryndan islendik çykyş tekstleri almaga hukuk berenok, Siz siziňem, siziň ygtyýarly ulanyjylaryňyzam Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini we/ýa-da onuň bilen bagly MYE-ni özgertmejekdigiňiz, üýtgetmejekdigiňiz, ony başga bir zada gabat getirmejekdigiň, onuň bilen bagly ýasama işlerini etmejekdigiz, geçirmejekdigiňiz, ýoýmajakdygyz ýa-da gaýtadan taslamalaşdyrmajakdygyňyz bilen ýa-da şeýle hereketleri etmäge synanyşmajakdygyňyz, hat-da islendik başga bir tarapa şeýle hereketleri etmäge rugsat, razylyk, ygtyýarlyk bermejekdigiňiz ýa-da olary şeýle hereketlere höweslendirmejekdigiňiz barada ylalaşýarsyňyz. Şu ylalaşygyň maksadyna laýyklykda "Gaýtadan taslamalaşdyrmak" yzyna taslamalaşdyrylan, geçirilen, işläp taýýarlanan, bir-birinden aýrylan, şifri açylan ýa-da ýüze çykarylan (şol sanda "RAM/ROM ýa-da hemişelik saklamnyň dempingininiň" islendik obýekti, "aragatnaşygyň kabel ýa-da simsiz passiw diňlenilmegi", ýa-da "gara gutynyň" yzyna taslamalaşdyrylmagy) maglumatlary, maksatnamalaýyn üpjünçiligi (interfeýsler, teswirnamalar, maksatnamalaýyn üpjünçiligiň tehniki taýdan bitewi kanuny bolup bilýän we bolup bilmeýän maksatnamalar bilen bilelikde ulanylýan we olara goşulan islendik beýleki maglumatlar), şol sanda islendik maglumaty, habary ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiligi bir görnüşden adamzat tarapyndan okalmaga ukyply görnüşe geçirýän ýa-da olary alýan islendik usuly, prosessi, enjamy, hyzmaty öz içine alýar.

12. <u>Möhletler.</u> Şu Ylalaşyk onuň şertleri (ýokarda giriş beýan edilşi ýaly) bilen baglanýandygyňyz barada Siziň razylygyňyz alnandan soň güýje girýär we şu ýerde beýan edilen şertlere laýyklykda güýçsiz hasap edilmedik ýagdaýynda öz güýjüni saklaýar.
Ýokarda görkezilenlere garamazdan, eger-de siz şu Ylalaşygy baglanyşanyňyzdan soň RIM size üçünji taraplaryň hyzmatlaryny ulanmaga mümkinçilik döredýän işlenilip taýýarlanan BlackBerry-nyň islendik mugt goşmaça Çaklaň maksatnamalaýyn üpjünçiligini berse ýa-da elýeter etse, onda Üçünji taraplaryň hyzmatlaryna degişlilikde BlackBerry-nyň Çaklaň Maksatnamalaýyn üýpjünçiligine baglylyk sebäpli RIM islendik wagtda, islendik sebäplere görä, öňünden düýdurman; BlackBerry-nyň Çaklaň Maksatnamalaýyn üýpjünçiligine bolan ygtyýarnamaňyzy ýatyrmaga hukugy bardyr, emma welin, oňa degişlilikde hiç hili borçnamasy ýokdur, mümkin bolsa RIM täjirçilik taýdan laýyk bolan mümkinçilikleri ulanyp, ygtyýarnamany ýatyrýandygy barada Size habar etmäge synanyşar.

13. <u>Gorag serişdeleri we Borçnamalary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak</u>.

(a) Eger-de Siz ýa-da Siziň ygtyýarly wekiliňiz şu Ylalaşygy bozsaňyz, onda RIM şu Ylalaşyk we kanun bilen üpjün edilen ähli hukuklara we gorag serişdelerine goşmaça haýal etmän şu Şertnamany hem-de Siziň we Ygtyýarly ulanyjyňyzyň Maksatnamalaýyn Üpjünçilik bilen ulanýan BlackBerry Solution başga bir bölegine degişlilikde Siz bilen RIM-niň arasyndaky islendik başga ygtyýarnama ylalaşygyny ýatyryp bilýär; we/ýa-da Siziň BlackBerry Solution degişlilikde Size we Ygtyýarly ulanyjylaryňyza edilýän islendik hyzmatlary üpjün etmegi bes edip bilýär. Eger-de Siz RIM-e habarlaşmak üçin takyk maglumat beren bolsaňyz, onda RIM size ylalaşygy ýatyrýandygy barada habar etmelidir.

(b) Ýokardaky teklibiň umumylygyny çäklendirmän, size şu Ylalaşygyň ýatyrylýandygy barada habar edilenden soň RIM – niň ony ýatyrmaga hukugy bardyr we Siz hem şu Ylalaşygy bozdy diýip hasap edilersiňiz, eger-de:

(i) Siz ýa-da siziň ygtyýarly ulanyjyňyz şu resminamada beýan edilen şertleri we düzgünnamalary ýerine ýetirip bilmese;

(ii) Maksatnamalaýyn üpjünçiligi bilen siziň we siziň ygtyýarly ulanyjylaryňyzyň ulanýan BlackBerry Solution–iň islendik bölegi üçin RIM bilen Siziň araňyzda bar bolan islendik başga ygtyýarnama ylalaşygyny ýa-da hyzmat möhletini, şol sanda, emma diňe şular bilen çäklenmän siziň RIM web sahypasynda ýa-da başga bir usul arkaly

kabul eden islendik interaktiw ýa-da guty barada ylalaşygyň şertlerini, düýbünden bozsaňyz;

(iii) Siz ýa-da siziň haýsy bolsa-da bir ygtyýarly ulanyjyňyz RIM Önümini alyjysynyň hyzmatyna ýa-da iş amallaryna goşulsaňyz; ýa-da

(iv) Siziň BlackBerry Solution ulanmagyňyz bilen baglanyşykly haýsy bolsa-da bir aýlyk ýa-da beýleki döwürleriň tölegleri ýa-da harajatlary degişli tertipde talap edileninden soň otuz (30) günüň dowamynda tölenilmedik bolsa.

(c) Eger-de RIM kazyýet ýa-da başga bir hökümet edarasy tarapyndan çykarylan haýsy-da bolsa bir kanuna, düzgünleşdirmä, talaba ýa-da kadalaşdlaşdyryjy nama laýyklykda haýsyddyr bir hyzmatyň ýa-da Efir wagtynyň hyzmatyny satmagy doly ýa-da bölekleýin üpjün edilmeginde päsgelçiliklere duçar bolsa, ýa-da RIM Efir wagt hyzmatyny doly ýa-da bölekleýin bermek ýa-da Efir wagtyny üpjün edijisine, eger-de bar bolsa, gadagan edilýändigi barada döwlet edarasyndan ýa-da gulluklaryndan habar gelse, onda RIM şu Ylalaşygy ýatyryp we/ýa-da hiç hili jogapkärçiligi boýnuna almazdan Sizi ýa-da Siziň ygtyýarly wekiliňizi hyzmat bilen üpjün etmekligi haýal etmän bes edip bilýär.

(d) Ýokarda görkezilenleriň hiç birem RIM-niň haýsy bolsada bir kanundan, kadadan, düzgünden ýa-da kazyýet barlagyndan ýa-da kazyýetiň kararyny şikaýat etmekden boýun gaçyrýar diýip düşünilmeli däldir. RIM-niň şu Bölüme laýyklykda şu ylalaşygy ýatyrmak bilen bagly ýa-da onuň ýatyrmagyna getirýän Siziň we siziň ygtyýarly ulanyjyňyzyň öňünde hiç hilil jogapkärçiligi bolmaz.

14. <u>Ylalaşygy ýatyrmagyň netijesi.</u> Şu ylalaşyk siziň abuna bolmagyňyzyň ýa-da Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiň synag mugt maksatnamasynyň möhletiniň tamalanmagy, ýagny haýsy bolsa-da bir sebäp bilen ýatyrylan ýagdaýynda: (a) Siz Maksatnamalaýyn üpjünçiligi (ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň ygtyýarnamasynyň möhleti gutaran bölegini) ulanmagy haýal etmän bes etmelisiňiz we siziň ýa-da ygtyýarly ulanyjylaryňyzda bar bolan ýa-da olaryň barlagyndaky şeýle Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň ähli nusgalaryny gaýtaryp bermelisiňiz; we (b) RIM size duýdurman şeýle Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginden gelýän ýa-da oňa berilýän islendik maglumatlaryň geçirilişini bes etmäge hukugy bardyr. RIM bilen arañyzda bolup biljek hasabat ýazgylaryny öçürmegiňiz bilen, siz şeýle hasabat ýazgylary bilen bagly bolan elektron poçtasynyň maglumatlaryny we habarlaryny, islendik arhiwini, maksatnamalaryny size habar bermezden öçürmäge RIM-e ygtyýarlyk berýärsiňiz. Şu Ylalaşygyň şertlerine laýyklykda RIM bilen arañyzdaky ylalaşygyň ýatyrylan ýagdaýynda, Siz şu ylalaşyga degişlilikde öz borçnamalaryňyzy mejbury ýerine ýetirmek netijesinde RIM-niň eden ähli çykdajylaryny we haklaryny (şol sanda galam haklary we hukukça edilen harajatlar) tölemelisiňiz. Mundan öň beýan edilenlere garamazdan, Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiň görnüşi boýunça yza gaýtarylyp bilinmeýär, sebäbi Maksatnamalaýyn üpjünçilik Siziň (Çaklaň Önümiňiziň) enjamyňyzyň içine gurnalandyr we/ýa-da siňiz desktopyňyza ýa-da serweriňize gurnalandyr, şonuň üçin siziň gaýtaryp biläýjek zadyňyz Maksatnama Üpjünçiliginiň mundan beýläk täzeden işlenilip çykarylmagydyr. Şeýle ýagdaýlarda geljekgi tabşyryklar üçin RIM bilen legalinfo@rim.com boýunça habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris.

15. <u>Öwezini dolmak/Jogapkärçilik</u>. Siz RIM-i, RIM kompaniýalar toparyny, RIM-niň şahamçalaryny, üpjün edijilerini, mirasdüşerlerini, agetlerini, ygtyýarly distribýutorlaryny we olaryň haýsy bolsa-da bir direktoryny, işgärlerini, gullukçylaryny we bitarap potratçylaryny (olaryň her biri "RIM-e öwez dolýan tarap" diýip atlandyrylýar) RIM-e öwezini dolýan tarapyň (a) Siziň BlackBerry Solution ýa-da onuň belli bir böleginiň ulgamynyň, hyzmatynyň ýa-da (Çaklaň Önümden başga) islendik gurluşy ulanmak ýa-da birleşdirmek netijesinde patentleri ýa-da beýleki eýeçilik hukuklaryny ýa-da eýeçilik hukuklaryny bozmagy; (b) Ylalaşygyň şu bölümlerini bozmak netijesinde emele gelen ýitgileri: "Kriptografiýanyň desktop goldawy" (Bölüm 6), "Siziň BlackBerry Solution ulanylyşy" (Bölüm 3), "Maksatnamalaýyn üpjünçilik we Ygtyýarnama baradaky

resminamalar" (Bölüm 2), "Üçünji tarapyň zerur predmetleri" (Bölüm 4 (a)), "Efir wagtynyň hyzmatlary" (Bölüm 4 (b)), "Üçünji tarapyň zerur hyzmatlary" (Bölüm 4 (c), "Intellektual eýeçiligi" (Bölüm 7), "Eksporta, Importa we Ulanmaga bolan çäklendirmeler hem-de Amerikan Hökümet Ygtyýarnamalary" (Bölüm 9), "Konfidensiallyk we Yzyna taslamalaşdyrmagy gadagan etmek" (Bölüm 11); (c) Siziň we siziň ygtyýarly ulanyjylaryňyzyň perwaýsyzlygy netijesinde emele gelen islendik şikes, ölüm ýa-da emläge zyýan ýetmegi ýa-da siziň ýa-da ygtyýarly ulanyjylaryňyzyň Siziň BlackBerry Solution ýa-da onuň belli bir bölegini ýalňyş ulanmagy; ýa-da (d) Siziň ýa-da ygtyýarly ulanyjylaryňyzyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini ýa-da Siziň BlackBerry Solution ýa-da onuň belli bir bölegini (diňe RIM-niň Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini, Önümini we/ýa-da hyzmatyny RIM MÜ we/ýa-da Önüminiň diňe şu görnüşine degişli bolan resminamalara we şu Ylalaşygyň şertlerine doly laýyklykda ulanmak netijesinde ýüze çykyp bilýän talaplardan başga) ulanmagyňyz netijesinde üçünji taraplar tarapyndan RIM-e garşy bildirilýän talaplar netijesinde sezewar bolan islendik talaplardan, zyýanlardan, ýitgilerden, harajatlardan ýa-da çykdajylardan (şol sanda, emma diňe şular bilen çäklenmän, hukukçylaryň haklaryndan we olara edilen harajatlardan) goramalysyňyz, öwezini dolmalysyňyz we howsuzlyndyrmalysyňyz. RIM tarapyndan serdilýän hiç bir gorag serişdesine şu ýerde beýan edilip getirilen serişdelerden aýratynlykda seredilmeli däldir, kanun we ýurisdiksiýa taýdan ähli şeýle serişdeler umumy bolmalydyr.

16. <u>Çäklendirilen kepillikler.</u>

(a) <u>Maksatnamalaýyn üpjünçilik.</u>

(i) Eger-de size Maksatnamalaýyn Üpjünçiligi getirilenden soň togsan (90) günüň dowamynda (Kepilligiň möhleti) Maksatnamalaýyn üpjünçilik RIM ýa-da RIM-niňygtyýarly distribýutorlary tarapyndan size getirilen görnüşinde siziň BlackBerry Solution üýtgedilmeýän bölekleri bilen bilelikde MÜ-niň belli görnüşine we wersiýasyna degişli bolan RIM resminamalarynda görkezilşi ýaly ulanylan ýagdaýynda standart Resminamalarda (Ýöriteleşmesinde) beýan edilen wezipelerini ýerine ýetirip bilmese, onda eger-de Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň niýetlenen Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini we media serişdelerini ulanmagy bes edeniňizden soň we yzyna gaýtaryp bermek barada (Efir wagtynyň hyzmaty bilen üpjün edijileriňiz, ýa-da mümkin bolýan bolsa, satyn alan nokadyňyz tarapyndan) size berlen adaty kepillige laýyklykda Kepillik möhleti hem-de satyn alandygyňyz barada subutnamaňyz bilen bilelikde ähli bukjany RIM-e yzyna gaýtaryp bereniňizden soň RIM şu meseläni (RIM öz garaýşyna laýyklykda size islendik görnüşde, ýagny müşderä telefon ýa-da electron poçtasy arkaly hyzmat etmek, näsazlyklary aradan aýyrmak barada size gollanma bermek, RIM websaýtyndaky gulluk arkaly ýa-da RIM-niň size berip biljek islendik başga bir görnüşinde) çözmek ýa-da düzetmek üçin öz saýlawyna we garaýşyna laýyklykda synanyşar ýa-da Siziň ulanýan Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiňiziň birgezeklik bahasyny tölär.

(ii) Şu ylalaşykda haýsy bolsada bir garşylykly mazmuna garamazdan mugt üpjün edilýän täzelemeler we kämilleşdirmeler "BOLŞY ÝALY" we hiç hili kepilliksiz Size üpjün edilýär.

(iii) Siziň goişmaça ygtyýarnama tölegini töläp edinen täzelemeleriňiz we kämilleşdirmeleriňiz ýokarda görkezilen möhleti togsan (90) günden ybarat bolan kepillige degişlidir hem-de sizi islendik Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiň kämilleşdirilmegini öz içine alýar.

(iv) Eger-de Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň wezipeleri ýerine ýetirmeýändiginiň sebäbi şu ýerde beýan ediljek sebäpler netijesinde emele gelen bolsa, onda ýokarda görkezilen borçnama ulanylmaz: (A) Şu ylalaşygyň görkezilen bölümlerinde beýan edilen borçnalaryňyza laýyk gelmeýän usulda Maksatnamalaýyn Üpjünçiligini ulanmagyňyz: "Üçünji tarapyň zerur predmetleri" (Bölüm 4 (a)), "Efir wagtynyň hyzmatlary" (Bölüm 4 (b)), "Üçünji tarapyň zerur hyzmatlary" (Bölüm 4 (c)),

"Desktop kriptografiki goldawy" (Bölüm 6), "Siziň BlackBerry Solution ulanylyşy" (Bölüm 3), "Maksatnamalaýyn üpjünçilik we ygtyýarnama barada resminamalar" (Bölüm 2), "Eksporta, Importa we Ulanmaga bolan çäkledirmeler we Amerikan hökümet ygtyýarnamalary" (Bölüm 9) ýa-da "Konfidensiallyk we Yzyna taslamalaşdyrmagy gadagan etmek" (Bölüm 11) ýa-da Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň belli bir görnüşine we wersiýasyna talap edilýän düzgünlere, şol sanda RIM-niň resminamalarynda görkezilen howsuzlyk düzgünlerine, laýyk gelmeýän usul arkaly ulanylandygy netijesinde bolsa; ýa-da (B) islendik enjam, BlackBerry Solution beýleki böleklerinden başga aragatnaşyk ulgamy ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçilik, tor bilen baglanyşykly (şol sanda Üçünji tarapyň çaklaň önümlerinide bolan näsazlyklaryň netijesinde ýüze çykan) näsazlyk ýa-da başga bir mesele; ýa-da (C) Maksatnamalaýyn üpjünçilige, şol sanda Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň gurnalan medialara, täsir edýän islendik sebäpler, ýagny, heläkçilikli wakalar, betbagtçylyklar, elektrostatiki işi ýeňletme, ýangyn, suw alma, ýyldyrym, suw ýa-da şemal, Maksatnamalaýyn Üpjünçilikden başga oňa degişli ýalňyşlary düzetmek, RIM tarapyndan ygtyýarlandyrylmadyk bejeriş ýa-da modifikasiýa işleri netijesende ýüze çykan nogsanlar.

(v) Mundan beýläk aýdyňlylyk üçin, eger-de ulanylýan kanun tarapyndan başgaça talap edilmeýän bolsa, şu kepillik ulanylýan ýa-da dikeldilen Çaklaň Önüme gurnalan BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn Üpjünçiligine degişlidir.

(vi) Satyn alnandan soň Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň goşmaça nokatlaryny mugt ýüklemäge (bu Çaklaň Önüm bilen bilelikde alynan Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň kämilleşdirilmegi hasaplanylýar) ýa-da mugt Serwer üpjünçiligine kepillik berilmeýär. Eger-de Siz öz ÇÖ-de ýa-da kompýuterde MÜ-ni gurnan günüňizden başlap togsan (90) günüň dowamynda haýsy bolsa-da bir nokat resminama laýyklykda işläp bilmese, onda siz RIM bilen habarlaşyp bilersiňiz we RIM hem eger-de şeýle Maksatnamalaýyn Üpjünçilige degişlilikde goldaw (şol sanda RIM öz garaýşyna laýyklykda islendik görnüşde üpjün edilip bilinýän goldaw, ýagny müşderä telefon ýa-da electron poçtasy arkaly hyzmat etmek, näsazlyklary aradan aýyrmak barada size gollanma bermek, RIM websaýtyndaky gulluk arkaly ýa-da RIM-niň size berip biljek islendik başga bir görnüşinde) bar bolsa ony bermelidir.

(vii) Siz şeýle Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiň işläp taýýarlanylan ýerinde Üçünji taraplaryň predmetlerine we hyzmatlaryna elýeterliligi aňsatlaşdyrmak üçin RIM-DE ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ PREDMETLERINIŇ WE HYZMATLARYNYŇ WEZIPE MÜMKINÇILIKLERINE ÝA-DA IŞLERINE, ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ PREDMETLERINIŇ NÄSAZLYKLARYNA ÝA-DA HYZMATLARYNA GÖZEGÇILIK EDIP BILMEÝÄNDIGI ÝA-DA GÖZEGÇILIGINIŇ ÇÄKLIDIGI, WE ŞU MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGE DEGIŞLILIKDE DUÇAR BOLAN MESELAŇIZI ÇÖZÜP BILMÄGE MÜMKINÇILIKLERINIŇ BELKI BOLMAJAKDYGY barada razylaşýarsyňyz we kabul edýärsiňiz.

(viii) Bu bölümde diňe RIM-niň borçnamalry we Maksatnamalaýyn Üpjünçilige hem-de islendik nogsanlyklara, ýalňyşlara, meselelere ýa-da Maksatnamalaýyn Üpjünçiligiň kepilliginiň bozulmagyna degişli şu ylalaşykda beýan edilen Siziň gorag serişdeleriňiz barada ýazylandyr.

(b) Önüm(ler). RIM-niň Önüm(ler)i üçin, eger-de şolar ýaly bar bolsa, çäklendirilen kepillik ("Önümiň çäklendirilen kepilligi") ulanylýan resminamada kesgitlenendir. Önümiň çäklendirilen kepilligi – şu Ylalaşyga laýyklykda satylan RIM-niň islendik önüminiň ýeketäk kepilligi bolup durýandyr, we ol RIM önümine we Önümiň çäklendirilen kepilliginiň

bozulmagyna degişli ýeketäk serişdeleri kesgitleýär. Şu Ylalaşygyň "Umumy" (Bölüm 26)diýlip atlandyrylan Bölüminiň indiki bölümçeleri zerur bolan ýagdaýynda Önümiň çäklendirilen kepilligine degişlilikde ulanylar ýaly düzedilen görnüşinde Önümiň çäklendirilen kepilligine goşulandyr: "Ýerine ýetirilmedik borçnamalardan boýun gaçyrmak" (Bölüm 26 (b)), "Uzak möhletlilik" (Bölüm 26 (c)), "Bölekleýin borçnamalar" (Bölüm 26 (e)), "Dili" (Bölüm 26 (f)) we "Doly ylalaşyk" (Bölüm 26 (h)).Şu ylalaşygy kabul etmegiňizi görkezmek bilen, siz ýokarda beýan edilşi ýaly, Önümiň çäklendirilen kepilligini okap, onuň şertleri bilen tanyşandygyňyzy tassyklaýarsyňyz. Mundan beýläk aýdyňlyk üçin, kanun tarapyndan talap edilýän derejede, "Önümiň çäklendirilen kepilligi" RIM-niň diňe täze Önüm(ler)ine degişlilikde ulanylýandyr, we şeýle kepilligiň (eger-de ulanylýan bolsa) galan bölegi dikeldilen RIM Önüm(ler)ine degişlilikde ulanylýar.

17. Kepillikden soňky goldaw. Eger-de Siz kepilligiň kepillik möhleti tamamlanandan soň RIM-den goldaw almak isleseňiz, onda RIM bilen sales@blackberry.com (ýa-da http://.blackberry.com/legal/ salgyda görkezilen başga salgy boýunça) salgy boýunça ýa-da Efir wagtynyň hyzmatlarynyň üpjün edijisi bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris. Eger-de Siziň adyňyzdan ("Kabul edýän tarap") Maksatnamalaýyn üpjünçiligini ulanýan üçünji tarapyňyz bar bolsa, we Kabul edýän tarapyň siziň adyňyzdan RIM-den goldaw soramagyny isleýän bolsaňyz, onda Sizde ýa-da Kabul eýän tarapda siziň ygtyýarly ulanyjylaryňyzyň sany üçin zerur bolan derejede Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň aýratyn nokatlaryny goldamak üçin RIM bilen araňyzda ylalaşyk bolmalydyr, şeýle hem Siz wagtal-wagtal adyňyzdan kabul edilen Maksatnamalaýyn Üpjünçilik barada Maksatnamalaýyn Üpjünçiliginiň anyk belliklerinden, Siziň ygtyýarnamasyny alan göçürme nusgalarynyň sanyndan, SRP şahsy kesgitleýän şahadatnamalardan ybarat bolan täzelenen maglumatlary sales@blackberry.com (ýa-da http://.blackberry.com/legal/ görkezilen başga salga) salgy boýunça RIM-e iberip durmalysyňyz. Efir wagtynyň hyzmaty bilen belli üpjün edijileriniň üsti bilen Siziň BlackBerry Solution -zy goldamaga mümkinçilik bolmanam biler.

18. Maglumatlary göçürmegiň/öçürmegiň zerurlygy. RIM Siziň satyn alnan maksatnamalaýyn üpjünçiligi barada ähli elektron hatlarynyň, mazmunlarynyň we/ýa-da Siziň Çaklaň Önümiňiz barada maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgalaryny wagtly-wagtynda edip durmagyňyzy maslahat berýär, sebäbi köp ýagdaýlarda bolşy ýaly şeýle maglumatlar RIM adyndan saklanmaýar ýa-da başgaça aýdanymyzda goldalmaýar. Eger-de Siz nähili bolsada bir sebäp boýunça Çaklan Önümiňizi (Ylalaşyk tarapyndan rugsat berilşi ýaly), şol sanda, emma diňe şunuň biln çäklenmän, Çaklaň Önümiňize hyzmat edilmegi bilen baglanyşykly, onda siz özüňüziň Çaklaň Önümiňizde ähli maglumatlar, şeýle hem daşky ýadyny tutuş öçürmelisiňiz, sebäbi olar Siziň çaklaň Önümiňiz alýan adama elýeter bolup biler, we Çaklaň Önümde ilkibaşda göz öňünde tutulmadyk islendik Maksatnamalaýyn Üpjünçiligi gaýtadan ýüklemelisiňiz.

19. Boýun gaçyrmak.

KÄBIR ÝURISDIKSIÝALARYŇ KANUNLARY BOÝUNÇA PEÝDALANYJYLAR BILEN BAGLAŞYLÝAN KONTRAKTDA JOGAPKÄRÇILIKLERIŇ ÇÄKLENDIRILMEGINE ÝA-DA KEPILLIKLERIŇ, ŞERTLERIŇ, MAKULLAMALARYŇ, KEPILLIKLERIŇ WE GÖRKEZMELERIŇ KADADAN ÇYKARYLMAGYNA ÝOL BERILMEÝÄR, WE SIZIŇ PEÝDALANYJY HÖKMÜNDE HEREKET EDÝÄN DEREJÄŇIZDE HEM ŞU KADADAN ÇYKARMALAR HEM MÜMKIN SIZE DEGIŞLILIKDE ULANYLMAÝANDYR.

(a) Umumy kepillikler:

(i) ŞU ŞERTNAMADA BEÝAN EDILEN ŞERTLERDEN BAŞGA ULANYLÝAN KANUN TARAPYNDAN RUGSAT BERILÝÄN MAKSIMAL DEREJÄ ÇENLI AÇ-AÇAN GÖRKEZILEN ÝA-DA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN ÄHLI ŞERTLER, MAKULLAMALAR, KEPILLIKLER, GÖZ ÖŇÜNDE TUTMALAR, ÝA-DA

ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI BORÇNAMALAR, ŞOL SANDA DIŇE ŞULAR BILEN ÇÄKLENMÄN, ISLENDIK ŞERTLER, MAKULLAMALAR, KEPILLIKLER, BEÝAN ETMELER ÝA-DA UZAK MÖHLETLEÝIN, BELLI BIR MAKSATLARDA ÝARARLYLYK, SATUWA ÝARAMLYLYK, ULY ISLEGLI, ÝOKARY HILLILIGI, BOZULMAZLYK, KANAGATLANDYRYLÝAN HILLILIGI ÝA-DA ADY BARADA BORÇNAMALAR, TERTIPNAMA ÝA-DA GÜMRÜK PAÇLARY, ÝA-DA IŞ GATNAŞYKLARYNYŇ ÝA-DA SÖWDANYŇ GIDIŞININ NETIJESINDE ÝÜZE ÇYKYP BILJEK BORÇNAMALAR, WE BEÝAN EDILEN ÝA-DA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN ÄHLI BEÝLEKI KEPILLIKLER, GÖRKEZMELER, ŞERTLER, MKULLAMALAR ÝA-DA BORÇNAMALAR ŞUNUŇ BILEN RET EDILÝÄR WE ULANYLÝAN KANUN TARAPYNDAN RUGSAT BERILÝÄN IŇ ÝOKARY DEREJÄ ÇENLI AÝYRYLANDYR.

(ii) Maksatnamalaýyn Üpjünçilige degişli göz öňünde tutulan islendik kepillikler ýa-da şertler ulanylýan kanun tarapyndan rugsat edilýän iň ýokary derejä çenli ýokardaky ýaly aýrylyp bilinmeýär, emma BlackBerry Solution haýsy-da bolsa bir bölegini kompýuteriňizde gurnan günüňizden başlap togsan (90) güne çenli çäklendirilip bilinýär

(b) Hyzmat(lar).

(i) ULANYLÝAN KANUN TARAPYNDAN GADAGAN EDILEN ÝAGDAÝLARDAN BAŞGA HALATLARDA HER BIR HYZMAT "BOLŞY ÝALY" ÝA-DA "ELÝETER BOLŞY ÝALY" ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI ŞERTLERSIZ, MAKULLAMALARSYZ, KEPILLIKLERSIZ, GÖRKEZMELERSIZ ÝA-DA BORÇNAMALARSYZ RIM ÜPJÜN EDILÝÄR WE BERILÝÄR.

(ii) RIM ÜZNÜKSIZ ULANYŞY ÝA-DA ISLENDIK HYZMATYŇ AMMALLARYNY, ÄHLI HYZMATLARYŇ ELÝETERLIGINI, ÝA-DA SIZ TARAPYNDAN IBERILEN ÝA-DA ALYNAN ÄHLI HABARLARYŇ, MAZMUNLARYŇ ÝA-DA MAGLUMATLARYŇ TAKYKLYGY, ÜÝTGEDILMEDIK GÖRNÜŞDE ÝA-DA LAÝYK MÖHLETDE BOLJAKDYGYNY ÜPJÜN ETMEÝÄR ÝA-DA KEPIL GEÇMEÝÄR.

(c) Üçünji taraplaryň predmetleri we hyzmatlary, Özara baglanyşykly saýtlar.

(i) ULANYLÝAN KANUN TARAPYNDAN AÝDYŇ GADAGAN EDILEN ÝAGDAÝLARDAN BAŞGA HALATLARDA ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARY ÝA-DA PREDMETLERI RIM GÖZEGÇILIGINDE DÄLDIR, RIM ÜÇÜNJI TARAPYŇ AÝRATYN PREDMETLERINI WE HYZMATLARYNY TASSYKLAMAÝAR, WE RIM SIZIŇ EDEN SAÝLAWYŇYZA, ULANYŞYŇYZA, ELÝETERLIGI ALANYŇYZA, ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ WE ÖNÜMLERINIŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINE HIÇ HILIL JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄR.

(ii) (A), SIZIŇ ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ HYZMATLARYNA WE PREDMETLERINE ELÝETERLIGI NÄDIP, ÝAGNY ÖZBAŞDAKLYGYNA ÝA-DA RIM ÜSTI BILEN ÝA-DA EFIR WAGTYNYŇ HYZMATY BILEN ÜPJÜN EDJIŇIZIŇ ÜSTI BILEN, EDINENDIGIŇIZE WE ALANDYGYŇYZA GARAMAZDAN; (B), BLACKBERRY SOLUTION ÄHLI ÝA-DA HAÝSY BOLSA-DA BIR BÖLEGINI ULANMAK ÜÇIN ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA PREDMETLERINIŇ (ŞOL SANDA EFIR

WAGTYNYŇ HYZMATLARY) SIZE GEREKDIGINE ÝA-DA GEREKMEJEGINE GARAMAZDAN, ÝA-DA (C) ÇAKLAŇ ÖNÜM, ŞOL SANDA, EMMA DIŇE ŞULAR BILEN ÇÄKLENMÄN, ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ AÝRATYN PREDMETLERINE WE HYZMATLARYNA BOLAN ELÝETERLILIGI AŇSATLAŞDYRÝAN BLACKBERRY ÇAKLAŇ MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINI ÝÜKLEMEK, ÝA-DA SIZIŇ ÇAKLAŇ ÖNÜMIŇIZDE BELLIK HÖKMÜNDE, ÝA-DA ISLENDIK BAŞGA USULDA, ŞOL SANDA, EMMA DIŇE ŞULAR BILEN ÇÄKLENMÄN, BAŞGA WEBSAÝTLARDA ÝA-DA SIZIŇ ÇAKLAŇ ÖNÜMIŇIZDEN ELÝETER MAGLUMAT ÝA-DA RIM-DEN EFIR WAGTYNYŇ HYZMATLARY BILEN ÜPJÜN EDIJIDEN EDINMEK ARKALY SIZE ELÝETER BOLAN ÜÇÜNJI TARAPYŇ AÝRATYN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI BILEN ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ WEB SAHYPALARY ÝA-DA BEÝLEKI HYZMATLARY ARKALY BLACKBERRY ÇAKLAŇ MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGIŇ BÖLEGI HÖKMÜNDE ÜPJÜN EDILÝÄN BLACKBERRY APP WORLD BRAUZER ÝA-DA MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGE GARAMAZDAN ÖŇ BEÝAN EDILENLER ULANYLÝANDYR.

(iii) ULANYLÝAN KANUN TARAPYNDAN GADAGAN EDILEN ÝAGDAÝLARDAN BAŞGA HALATLRDA, ÜÇÜNJI TARAPYŇ ÄHLI PREDMETLERI WE HYZMATLAR, ÝA-DA BAŞGAÇA AÝDANYMYZDA KARARY BILEN BLACKBERRY ÜÇIN BAGLANMAKDA ULANYLÝAN, "BOLŞY ÝALY" WE "ELÝETER BOLŞY ÝALY" DIÝEN ŞERTDE HIÇ HILI ŞERTSIZ, MAKULLAMALARSYZ, KEPILLIKLERSIZ, BEÝAN ETMELERSIZ ÝA-DA BORÇNAMALARSYZ RIM BILEN ELÝETERLILIK ÜÇIN ÜPJÜN EDILENDIR WE HÖDÜRLENENDIR. RIM ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ PREDMETLERINE WE HYZMATLARYNA DEGIŞLI MESELELERIŇ GARAŞSYZ ÝA-DA SIZIŇ ÜSTÜŇIZ ARKALY ÇÖZÜLMEGINE, ŞOL SANDA, EMMA DIŇE INDIKI GÖRKEZILJEKLER BILEN ÇÄKLENMÄN, SIZIŇ WE ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ ÖŇÜNDE HIÇ HILI JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄR: (A) ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ ŞEÝLE ÖNÜMLERINIŇ ÝA-DA HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA ELÝETERLIGE MÜMKINÇILIK DÖRETMEK ÜÇIN IŞLENILIP TAÝÝARLANYLAN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGIŇ ISLENDIK BIR BÖLEGINIŇ TAKYKLYGY, GEÇIRILMEGI, ÖZ WAGTYNDALYGY ÝA-DA ELÝETERLIGI; (B) ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINIŇ ÝA-DA HYZMATLARYNYŇ SAZLYGY WE NÄSAZLYGY; ÝA-DA (C) ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ PREDMETLERINIŇ WE HYZMATLARYNYŇ SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-ŇYZ ÝA-DA ONUŇ BÖLEGI BILEN ÖZARA IŞLEŞMÄGE BOLAN UKYPLYLYGY.

(iv) ULANYLÝAN KANUN BILEN BELLI BIR DEREJEDE GADAGAN EDILMEDIK ÝAGDAÝLARDAN BAŞGA, OZALKYLARY ÇÄKLENDIRMÄN, SIZ RIM-NIŇ ISLENDIK WIRUSLAR ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK HOWP SALÝAN, YGTYBARDAN DÜŞÜRÝÄN, AHLAKSYZ, REHIMSIZ, ÝA-DA BIKANUN HYZMATLARY WE ÜÇÜNJI TARAPYŇ ÖNÜMLERI ÜÇIN, ÝA-DA GEÇIRILMEGI ÜÇÜNJI TARAPYŇ INTELLEKTUAL EÝEÇILIGI ÜÇIN ISLENDIK HUKUKLARYNY BOZÝAN ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK ZATLARY ÝA-DA HYZMATLARY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK ÇEKÝÄNDIGINE YLALAŞÝARSYŇYZ. ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK ZATLARYNA ÝA-DA HYZMATLARYNA DEGIŞLILIKDE ISLENDIK ŞULAR

ÝALY TALAP BOLAN ÝAGDAÝDA SIZIŇ KÖMEK ÜÇIN ÝÜZ TUTMAGYŇYZ DIŇE DEGIŞLI ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ GARŞYSYNA BOLMALYDYR.

(d) Missiýanyň wajyp goşundylary. SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZ WE ONUŇ ISLENDIK BÖLEGI WAJYP MISSIÝALARDA ÝA-DA GORAÝYŞ SERIŞDELERINI, ŞOL SANDA ATOM DESGALARYNYŇ IŞINI, UÇARLARYŇ NAWIGASIÝASYNY ÝA-DA KOMMUNIKASIÝA ULGAMLARYNY, HOWA DISPETÇERLER GULLUGYNY WE ÝAŞAÝŞYŇ GOLDAWYNY WE ÝARAGLAR ULGAMYNY ÇÄKLENDIRMÄN, TALAP EDÝÄN HOWPLY DAŞKY GURŞAWDA ULANMAK ÜÇIN LAÝYK BOLUP DURMAÝAR. ÝOKARDA BEÝAN EDILENLERI ÇÄKLENDIRMÄN, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION ULANANYŇYZDA SIZ MAGLUMATLAR ULGAMYNYŇ BARABAR DIKELDILMEGINI WE DUBLIRLEMESINI GOLDAJAKDYGYŇYZY GÖRKEZÝÄRSIŇIZ WE KEPILLENDIRÝÄRSIŇIZ, WE EGER-DE: (i) HYZMAT ULANYLANDA ÝA-DA TOGTADYLANDA; ÝA-DA (ii) MAGLUMATLARY GEÇIRMEKDE KYNÇYLYKLAR ÝA-DA ÝALŇYŞLAR BOLANDA; SIZ ŞULARA HAÝAL ETMÄN YLALAŞÝARSYŇYZ: ISLENDIK WE ÄHLI ÝITGILERI HEM ZYÝANLARY ÝUMŞATMAK WE ŞU MESELELER BARADA RIM-E HABAR BERMEK.

20. Jogapkärçiligiň çäklendirilmegi.

KÄBIR ÝURTLAR SARP EDIJILER BILEN ŞERTNAMALARDA YZYGIDER, GYTAKLAÝYN ÝA-DA BEÝLEKI ZYÝANLARYŇ ÇÄKLENDIRILMEGINE ÝA-DA ARADAN AÝRYLMAGYNA RUGSAT BERMEÝÄRLER, WE SIZIŇ SARP EDIJINIŇ BOLAN DEREJESINDE, MÜMKIN, SIZE ŞU BÖLÜMDÄKI ÇÄKLENDIRMELER ÝA-DA KADADAN ÇYKMALAR ULANYLMAÝAR.

(a) ULANYLÝAN KANUN BOÝUNÇA RUGSAT EDILEN WE ŞU YLALAŞYKDA BELLI BIR TALAPLARA TABYN EDILEN IŇ ÝOKARY DEREJÄ ÇENLI HIÇ BIR ÝAGDAÝDA RIM ZYÝANLARYŇ INDIKI GÖRNÜŞLERINIŇ ISLENDIGI ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄR: YZYGIDER, KADADAN ÇYKMA, GARAŞYLMADYK, GYTAKLAÝYN, ÝÖRITE, JERIME ÝA-DA KYNLAŞDYRYLAN ZYÝANLAR, KÄRHANANYŇ GIRDEJINI ÝA-DA DÜŞEWÜNDI ÝITIRENDIGI ÜÇIN ZYÝANLAR, MEÝILNAMALAŞDYRYLÝAN TYGŞYTLAMALARY ÝERLEMÄGE UKYPSYZLYK, IŞEWÜR TOGTATMA, TÄJIRÇILIK MAGLUMATLARYŇ ÝITIRILMEGI, TELEKEÇILIK IŞINIŇ MÜMKINÇILIGINIŇ ÝITIRILMEGI, ÝA-DA MAGLUMATLARYŇ ÜÝTGEDILMEGI WE ÝITIRILMEGI, BLACKBERRY ÜÇIN SIZIŇ ÇÖZGÜDIŇIZ BILEN BIRLEŞDIRMEDE ULANYLÝAN ISLENDIK GOŞUNDYLAR BILEN BAGLY BOLAN ISLENDIK MAGLUMATLARY, MESELELERI GEÇIRMEKDEN ÝA-DA ALMAKDAN BOÝUN GAÇYRMAKLYK, BOŞ DURAN WAGTY SARP ETMEKLIK, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-Y ÝA-DA ONUŇ ISLENDIK BÖLEGINI ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ZATLARYNYŇ ULANYLMAGYNYŇ ÝITIRILMEGI, SURROGATYŇ BAHASY, ÖWEZ DOLUNMANYŇ, SERIŞDELERIŇ ÝA-DA HYZMATLARYŇ BAHASY, MAÝANYŇ BAHASY, ÝA-DA ŞU YLALAŞYK BILEN ÝA-DA BLACKBERRY ÜÇIN SIZIŇ ÇÖZGÜDIŇIZ BILEN BOLUP GEÇÝÄN ÝA-DA BAGLY BOLAN BAŞGA ŞULAR ÝALY MADDY ZYÝAN, ŞOL SANDA ŞU ZYÝANLARYŇ ÖŇÜNDEN KESGITLENEN ÝA-DA GARAŞYLMADYK BOLANDYGYNA GARAMAZDAN, WE HATDA RIM-NIŇ ŞULAR ÝALY

ZYÝANLARYŇ MÜMKINLIGI BARADA AWIZO EDILEN BOLSA-DA, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ IŞINIŇ ULANYLMAGY ÝA-DA ULANMAGA UKYPSYZLYGY ÝA-DA DÜZÜW DÄLDIGI.

(b) Ulanylýan kanun boýunça rugsat edilen iň ýokary derejä çenli hiç hili ýagdaýda RIM-niň jemlenmedik jogapkärçiligi şulardan ýokary geçmez: (i) Siziň tarapyňyzdan RIM-niň Önümi (-leri) üçin we/ýa-da ulanylanda meseleleriň ýüze çykmagynda Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň bölegi üçin (ýagdaýlara baglylykda) tölenen möçber; we (ii) bäş (5) ABŞ-nyň dollary.

(c) Şu Ylalaşykda ýene-de bir zada garamazdan, ulanylýan kanun boýunça rugsat edilen iň ýokary derejä çenli RIM-niň Siziň öňüňizde jogapkärçilik çekýän derejede RIM diňe Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň amallaryndan şular ýaly boýun gaçyrmanyň, saklanmanyň ýa-da näsazlygynyň bolan wagtynda ýetirilen zyýanlar üçin jogapkärçiligi ykrar edýär.

(d) Şu Bölümde şu ýagdaýda hiç zat RIM-niň Size jogapkärçiligi çäklendirmeýär: (i) RIM-niň geleňsizliginden gös-göni alnan ölüm ýa-da şikes bolan ýagdaýda; ýa-da (ii) RIM-niň islendik bilgeşleýin hilegärlikli hereket ýa-da bilgeşleýin hilegärlikli elden giderme bolan ýagdaýda.

(e) ULANYLÝAN KANUN BOÝUNÇA RUGSAT EDILEN IŇ ÝOKARY DEREJÄ ÇENLI HER TARAP BEÝLEKI TARAPA GARANYŇDA DIŇE ŞU YLALAŞYKDA ÝÖRITE GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN GÖRNÜŞDE BORÇLY BOLMALYDYR, WE ŞERTNAMADA, DELIKTDE HIÇ HILI BAŞGA BORÇNAMASY, PAJY ÝA-DA JOGAPKÄRÇILIGI BOLMALY DÄL, ÝA-DA BAŞGAÇA

(f) ULANYLÝAN KANUN BOÝUNÇA RUGSAT EDILEN IŇ ÝOKARY DEREJÄ ÇENLI ŞU YLALAŞYKDA ÇÄKLENDIRMELER, KADADAN ÇYKMALAR WE DISKLAMASIÝALAR: (i) HEREKETIŇ, TALABYŇ ÝA-DA IŞIŇ DELILINE GARAMAZDAN, ŞOL SANDA GELEŇSIZLIK, DELIKT, GÜRRÜŇSIZ BORÇNAMA, ŞERTNAMANYŇ BOZULMAGY, ÝA-SA ISLENDIK BAŞGA HUKUGYŇ NAZARYÝETI BILEN, ÝÖNE OLARDAN ÇÄKLENMÄN, ULANYLÝAR; (ii) ŞU YLALAŞYGYŇ ÝA-DA ŞU ÝERDE BAR BOLAN ISLENDIK SERIŞDÄNIŇ DÜÝPLI BOZULMASYNY ÝA-DA ZERUR BOLAN MAKSADYŇ BOZULMASYNY ÝA-DA BOÝUN GAÇYRYLMAGYNY BAŞDAN GEÇIRÝÄRLER; (iii) ŞU ÝERDE AGZALAN KEPILLIK BORÇNAMALARA ÝA-DA TARAPLARYŇ ISLENDIGI TARAPYNDAN BEÝLEKI TARAPYŇ INTELLEKTUAL EÝEÇILIGINIŇ BIKANUN EÝE BOLMAGYNA ÝA-DA BOZULMAGYNA ÝA-DA ŞU YLALAŞYGYŇ BÖLÜMLERINIŇ BOZULMAGYNA ULANYLMAÝAR: "KRIPTOGRAFIÝANYŇ STOLDA GOLDAWY" (6 BÖLÜM), "SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇ ULANYLYLŞY" (3 BÖLÜM), "MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIK WE YGTYÝARNAMALAR BARADA RESMINAMALAR" (2 BÖLÜM), "INTELLEKTUAL EÝEÇILIGI" (7 BÖLÜM), "EKSPORT, IMPORT WE ULANMAK ÜÇIN ÇÄKLENDIRMELER HEM-DE AMERIKANYŇ HÖKÜMETINIŇ YGTYÝARNAMALARY" (9 BÖLÜM), WE " GIZGLINLIK WE DOLANYŞYK TASLAMA ETMEKLIGIŇ GADAGAN EDILMEGI" (11 BÖLÜM); WE **(**IV**)** BILELIKDE RIM-E ÝA-DA RIM-IŇ KOMPANIÝALAR TOPARYNA, OLARYŇ MIRASDÜŞERLERINE, HUKUKLARYNY KABUL EDIJI ŞAHSLARA, WE RIM-IŇ YGTYÝARLY DISTRIBÝUTORLARYNA (ŞOL SANDA MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGIŇ RIM TARAPYNDAN YGTYÝARLY DISTRIBÝUTORLARY HÖKMÜNDE HEREKET EDÝÄN EFIR WAGTYNYŇ HYZMATY BILEN ÜPJÜN EDIJILERE) DEGIŞLILIKDE ULANYLÝAR.

(g) HIÇ HILI ÝAGDAÝDA EMELDAR, DIREKTOR, GULLUKÇY, AGENT, DISTRIBÝUTOR, GETIRIJI, HYZMAT BILEN ÜPJÜN EDIJI, GARAŞSYZ POTRATÇY, EFIR WAGTYNYŇ HYZMATY BILEN ÜPJÜN EDIJI (ÝOKARDA BEÝAN EDILENLERDEN BAŞGA), ÝA-DA RIM KOMPANIÝALAR TOPARY ŞU YLALAŞYGYŇ NETIJESI BOLUP DURÝAN ÝA-DA ONUŇ BILEN BAGLY BOLAN ISLENDIK JOGAPKÄRÇILIGI ÇEKIP BILMEZLER.

(h) SIZ ŞU YLALAŞYKDA GÖRKEZILEN DISKLAMASIÝALARYŇ, KADADAN ÇYKMALARYŇ WE ÇÄKLENDIRMELERIŇ TARAPLARYŇ ARASYNDA MÖHÜM ELEMENTI DÜZÝÄNDIGINI WE ŞU DISKLAMASIÝALARYŇ, KADADAN ÇYKMALARYŇ WE ÇÄKLENDIRMELERIŇ BOLMAZLYGYNDA: (i) ŞU YLALAŞYKDA TÖLEGIŇ WE BEÝLEKI ŞERTLERIŇ BAR BOLANLARDAN DÜÝPLI TAPAWUTLY BOLJAKDYGYNY; WE (ii) ONUŇ RIM-NIŇ ŞU YLALAŞYGA LAÝYKLYKDA SIZIŇ MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINI SATYN ALMAGA TEKLIP ETMEK UKYPLYLYGYNA WE/ÝA-DA RIM-NIŇ SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÜSTÜNDEN ÜÇÜNJI TARAPYŇ ZATLARYNY WE HYZMATLARYNY ELÝETER ETMEK UKYPLYLYGYNA DÜÝPLI TÄSIR EDIP BILJEKDIGINE YKRAR EDÝÄRSIŇIZ WE YLALAŞÝARSYŇYZ.

ŞU YLALAŞYKDA HIÇ ZAT MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGI BILEN HYZMATLARDAN BAŞGA ISLENDIK ÝAZYLAN YLALAŞYKLARYŇ ÝA-DA SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION BÖLEKLERI ÜÇIN RIM TARAPYNDAN ÜPJÜN EDILEN KEPILLIKLERIŇ ORNUNY TUTMAK ÜÇIN NIÝETLENEN DÄL.

21. <u>Maglumatlary ýygnamak üçin razylyk.</u>

(a) Siziň BlackBerry Solution-y (ýa-da onuň islendik bölegini) gurnamagyňyz we/ýa-da gurnamagyňyz, we/ýa-da Hyzmatlaryň ýa-da bagly bolan Efir wagtynyň Hyzmatlarynyň ulanylmagy Siz we/ýa-da Siziň Ygtyýarly Peýdalanyjylaryňyz barada şahsy maglumatlaryň (ulanylýan kanuna baglylykda çäklendirmesiz adyny, elektron poçtasynyň salgysyny, telefonyň belgisini, Çaklaň haryt barada maglumatlary, Çaklaň Önümiň ýerleşýän ýeri (aşakda beýan edilişi ýaly) barada maglumaty, Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisi barada maglumaty we Siziň BlackBerry Solution-yň ýa-da Siziň BlackBerry üçin Çözgüdiňiz bilen birleşmede maksatnamalaýyn üpjünçiligiň we ulanylýan enjamlaryň funksional mümkinçilikleriniň ulanylmagy barada maglumaty), RIM, Siziň Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijileri, üçünji taraplar tarapyndan BlackBerry üçin Siziň Çözgüdiňiz bilen ulanylýan önümler ýa-da hyzmatlar bilen, we/ýa-da şu sözlemde beýan edilen edara görnüşindäki taraplaryň golçur kompanilary tarapyndan goşup bilýän ýa-da bilmeýän) ýygnamaklyga, ulanmaklyga we/ýa-da aýan etmeklige getirip biler. Siz ýurisdiksiýaňyzyň içinde ýa-da daşynda ýurtda ýa-da çäklerde ýerleşen RIM Kompaniýalar Toparynyň şular ýaly maglumatyny ýygnamaga, ulanmaga, işläp taýýarlamaga, geçirmäge we/ýa-da aýan etmäge ylalaşýarsyňyz, we Siz ulanylýan kanunyň astynda öz Ygtyýarly Peýdalanyjylaryňyzdan olaryň RIM Kompaniýalar Toparyna Size we/ýa-da Efir wagtynyň hyzmatlaryny Getirijisine şular ýaly maglumatyň ulanylmagyny, işlenilip taýýarlanylmagyny, geçirilmegini, we/ýa-da BlackBerry üçin Siziň Çözgüdiňiz bilen we/ýa-da RIM Kompaniýalar Toparynyň çäklerinde ulanylýan, (i) RIM Kompaniýalar Toparynyň içki ulanmagy üçin önümler ýa-da hyzmatlar bilen üçünji taraplara aýan edilmegini goşup biljek şular ýaly şahsy maglumaty ýygnamaga, ulanmaga, işläp taýýarlamaga, geçirmäge we/ýa-da aýan etmäge ygtyýar etmegi üçin ähli zerur bolan razylyklary alandygyňyzy kepillendirýärsiňiz, şol sanda, çäklendirmän: (A) Siziň islegleriňize we makullamaňyza düşünmek hem-de kanagatlandyrmak; (B) täze hyzmatlaryň we önümleriň tekliplereriniň ösdürilmegi hem-de bar bolanlaryň giňeldilmegi; we (C) RIM-e ýolbaşçylyk etmek we ösdürmek hem-de ýükleri işläp taýýarlamak, şol sanda önümleriň we

hyzmatlaryň tehniki taýdan işlemegini üpjün etmek; (ii) hasaplaryň düzülmegi, aktiwasiýa, şert, hyzmatlaryň edilmegi, dezaktiwasiýa we/ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň we/ýa-da goşmaça harytlaryň we/ýa-da hyzmatlaryň (şol sanda Hyzmatlaryň edilmegi) Ygtyýarly Peýdalanyjylary tarapyndan ulanmagy bilen bagly bolan islendik maksat, şol sanda RIM-niň möhletleriniň we şertleriniň ýerine ýetirilmegi ýa-da ýerine ýetirmeklige getirilmegi; (iii) Siziň we/ýa-da Siziň Ygtyýarly Peýdalanyjyňyzyň ygtyýaryna Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin kämilleşdirmeleriň ýa-da täzelemeleriň berilmegi, Üçünji tarapyň kämilleşdirmeleri ýa-da täzelemeleri, Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, Üçünji tarapyň hyzmatlary, üçünji tarapyň we/ýa-da goşmaça harytlaryň we/ýa-da hyzmatlaryň (şol sanda Hyzmatlar) saklanylmagy barada mälim ediş; (iv) islendik ulanylýan kanun tarapyndan rugsat edilen ýa-da talap edilýän islendik maksatlar; we/ýa-da (v) http://.na.blackberry.com/eng/legal/privacy_policy.jsp -da garalyp bilinjek ýa-da Siziň başgaça ylalaşýan RIM hususy maglumatlary goramagyň dowam edýän syýasatynda beýan edilen başga maksatlardan islendigi.

(b) Şu Ylalaşykda beýan edilen başga şahsy maglumata goşmaça hökmünde haçan-da Siz öz Çaklaň Önümiňizi ulananyňyzda ýa-da maglumatlaryň hyzmatlaryny ýa-da ýerleşýän ýere esaslanan funksional mümkinçilikleri kabul etmäge rugsat edeniňizde, Çaklaň Önümiň ýeleşýän ýeri barada maglumat (şol sanda GPS maglumaty, eýesiniň şahsyýetnamasy, antennanyň şahsyýetnamasy we görünýän WiFi ýa-da öýjügiň başnýalarynyň signalynyň güýji), ýöne olardan çäklenmän, RIM-iň kompaniýalar toparyna habar edilip biliner. RIM-iň kompaniýalar topary Sizi ýerleşýän ýere esaslanan hyzmatlar bilen, şol sanda başga adamlar bilen Önümiň ýerleşýän ýeri barada Siziň Çaklaň maglumatyňyzyň alyş-çalşyny ýeňilleşdirýän hyzmatlar, şol sanda ýöne olardan çäklenmän, BlackBerry Solution üçn ulanýan Üçünji tarapyň hyzmatlary bilen, Sizi üpjün etmek üçin şular ýaly maglumaty ulanyp biler. Başga adamlara öz şahsy maglumatyňyzy aýan etmäge razy bolmazdan öň Siz degişli derejede üns bermelisiňiz. Şeýle hem Siziň şahsy maglumatyňyzyň bar bolan ýa-da anonim edilen maglumatlar bazasyny döretmek üçin şular ýaly maglumaty ulanyp bilýäris we ýerleşýän ýerine duýgur bolan mahabaty üpjün etmek üçin ony ulanyp bilýäris.

(c) Ýokarda agzalan maksatlarda Siziň şahsy maglumatyňyzyň we/ýa-da Siziň Ygtyýarly Peýdalanyjylaryňyzyň şahsy maglumatlarynyň ýygnalmagy, ulanylmagy, işlenilip taýýarlanylmagy, geçirilmegi RIM hususy maglumatlary goramagyň syýasatyna laýyklykda geçirilýär. RIM öz ygtyýaryna görä öz wagtynda hususy maglumatlary goramagynyň syýasatyny üýtgetmek hukugy özünde galdyrýar we Siz üýtgetmeler boýunça RIM-niň hususy maglumatlaryny goramagyň syýasatyny hemişe barlamalysyňyz. Eger-de Siziň şahsy maglumatlaryňyz Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen ulanylýan önümler ýa-da hyzmatlar bilen Siziň Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisine ýa-da üçünji taraplara aýan edilse, onda Siziň Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisiniň ýa-da üçünji taraplaryň RIM bilen Siziň Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisiniň ylalaşýan şahsy maglumatlaryň ýygnalmagyna, ulanylmagyna, işlenilip taýýarlanylmagyna, geçirilmegine we/ýa-da aýan edilmegine degişli bolan Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisiniň ýa-da üçünji taraplaryň we/ýa-da Siziň Ygtyýarly Peýdalanyjylaryňyzyň Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisiniň ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen ulanylýan önümler ýa-da hyzmatlar bilen ulanylýan üçünji tarapyň şahsy maglumatlaryny goramagyň syýasaty ulanylar, eger-de olar bar bolsa. Siz RIM-e berýän şahsy maglumatlaryňyz barada ähli adamlara olaryň ulanylýan kanunlaryň we gözükdirijileriň esasynda şahsy maglumatlaryna ygtyýary almaga we olary düzetmäge hukugynyň bolup bilmegi barada habar bermäge ylalaşýarsyňyz.

22. <u>Tersine aragatnaşyk</u>. Siz öz BlackBerry Solution-yňyz babatda RIM bilen habarlaşyp bilýärsiňiz. Eger-de RIM ýazmaça görnüşinde başgaça ylalaşmasa, Siz hakykatdan hem RIM-e öz BlackBerry Solution-yňyz babatda Siziň RIM-e berýän ähli tersine aragatnaşyk, düşündirişler, teklipler, ideýalar, düşünjeler we

üýtgetmeler hem-de intellektual eýeçiligi üçin ähli bagly bolan hukuklar (hemmesi bilelikde "Tersine aragatnaşyk") degişli bolmalydyr, we Siz hakykatdan hem RIM-e olara öz hukuklaryňyzy we bähbidiňizi geçirýärsiňiz. Siz RIM-i üçünji tarapyň intellektual eýeçiligi üçin hukuklaryna tabyn bolan islendik Tersine aragatnaşyk bilen üpjün etmersiňiz. Siz mundan beýläk resminamalara gol çekmeklige degişlilikde RIM bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy saklamaga we Tersine aragatnaşygyň RIM-e degişlidigini we oňa intellektual eýeçiligi üçin islendik bagly bolan hukuklary we/ýa-da gizlin maglumatlary bellige almaga we/ýa-da goramaga ýardam berýändigini tassyklamaga zerur bolanda başga şular ýaly hereketleri amala aşyrmaga ylalaşýarsyňyz.

23. Bellemek we ygtyýarly etmek. RIM Size duýduryşsyz şu Ylalaşygy geçirip bilýär. Siz RIM-niň deslapky ýazmaça görnüşindäki razylygy bolmazdan, şu Ylalaşygy doly ýa-da bölekleýin geçirmeli dälsiňiz (RIM-niň ygtyýaryna görä şu razylykdan boýun gaçyryp bolýar), we RIM-niň deslapky ýazmaça görnüşindäki razylygy bolmazdan, ylalaşygyň islendik geçirilmeginiň kanuny güýji ýok we ol hakyky däl. RIM şu ylalaşyk esasynda özbaşdak ýerine ýetirilmeli ähli borçnamalary ýerine ýetirip bilýär ýa-da onuň potratçysy ýa-da kömekçi potratçylary tarapyndan ýerine ýetirilen we/ýa-da Efir wagtynyň hyzmatlarynyň ýagdaýynda Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Getirijisi ýa-da onuň şahamçalary ýa-da bölümleri tarapyndan ýerine ýetirilen käbir ýa-da ähli borçnamalary bolup biler.

24. Mälim edişler. Eger-de şu Ylalaşykda başgalar görkezilmedik bolsa, şu Ylalaşygyň esasynda ähli mälim edişleri ýa-da beýleki düşündirişleri degişli derejede ýerine ýetirilen diýip hasap edip bolar, haçan-da olar ýazmaça görnüşinde edilip, hut özi, kurýer ýa-da poçta arkaly iberilen bolsa, poçta çykdajylary buýurma hatlary ýa-da olaryň deň derejesindäkiler üçin öňünden tölenmelidir, alnandygyny tassyklaýan dilhaty barada talap ugradylmalydyr we mälim ediş Size RIM tarapyndan iberilýän hasaplaşyk salgyda Size iberilmelidir we Research In Motion Singapore Pte. Limited at 1 International Business Park, The Synergy Building, 2nd Floor, Singapore 609917, nusgasy bilen (oňa mälim ediş goşulmaly däldir) şol bir salgy boýunça RIM-niň Önümleri boýunça Menejere ýüz tutulmalydyr. Öňkülere goşmaça hökmünde RIM öz ygtyýaryna görä elektronika arkaly Size şu ylalaşyk esasynda islendik mälim edişi Size iberip bilýär. Size elektron görnüşinde duýduryşyň degişli derejede edildi diýip hasap edip bolýar, haçan-da ol Size RIM tarapyndan berlen elektron poçtasynyň salgysy arkaly geçirilse, we eger-de Siz RIM-e şeýle salgyny bermeseňiz, duýduryş degişli derejede http://.blackberry.com/legal/ ugratmak arkaly degişli derejede edilip biliner.

25. Fors-mažor. Şu Ylalaşygyň islendik başga şertine garamazdan, hiç hili Tarapy şu şertleri ýerine ýetirmäge ukypsyz diýip hasap edip bolmaz, eger-de ol onuň göwnejaý gözegçiliginiň daşyndaky sebäplere görä bolup geçse. Şu şert şu ylalaşyga laýyklykda beýleki Tarapa tölegleri geçirmek boýunça taraplaryň islendiginiň borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrma hökmünde garalmaly däldir.

26. Umumy.

(a) Üçünji tarapyň benefisiariýleri. RIM-niň şahamçalary we RIM-niň hem onuň şahamçalarynyň direktorlary, emeldarlary we gullukçylary şu Ylalaşygyň "Jogapkärçiligi çäklendirmek" (20 bölüm) we "Disklamasiýa" (19 bölüm) bölümlerini ýerine ýetirmek maksady bilen üçünji tarapyň niýetlenen benefisiariýleri bolup durýar. Eger-de şu Bölümde başgalar görkezilmedik bolsa, şu ýerde beýan edilen şertler islendik başga şahsy tarap ýa-da edara görnüşindäki tarap üçin däl-de, eýsem Taraplaryň haýryna garalýar.

(b) Borçnamalary ýerine ýetirmezlikden boýun gaçyrma. Hiç hili Tarap şu ylalaşyk boýunça özüni jogapkärçilikden ýa-da hukuklardan boşadylan diýip hasap edip bilmeýär, eger-de şu boýun gaçyrma ýazmaça görnüşinde edilmese we garşysyna boýun gaçyrmanyň ulanylýan ylalaşygyň Tarapyna hukukly gatnaşyjy tarapyndan gol çekilse. Islendik şertden boýun gaçyrma ýa-da şu Ylalaşygyň islendik şertiniň bozulmalary bir ýagdaýda islendik başga ýagdaýa degişlilikde boýun gaçyrma hökmünde awtomatik usulda garalmaly däldir.

(c) <u>Uzak möhletlilik.</u> Ylalaşygyň ýerine ýetirilýän wagtynda dowam etdirmek üçin niýetlenen şu Ylalaşykda bolan möhletler, şertler we kepillikler işiň tamamlanmagyndan, şu Ylalaşygyň ýatyrylmagyndan ýa-da hereket edişiniň bes edilmeginden soň dowam etdirilmelidir.

(d) <u>Düzgünleşdiriji kanunlar we jedelleri düzgünleşdirmek.</u> Şu Ylalaşyk hukuk kadalarynyň dawa-jedelleri bilen dolandyrylýan islendik kanuny edarasyndan başga, Singapuryň kanunlaryna laýyklykda dolandyrylmalydyr. Taraplar BMG-nyň Harytlaryň Halkara Söwdasy üçin Şertnamalar boýunça Konwensiýasynyň hakykatdan hem şu Ylalaşyga gatnaşmakdan doly aýrylandygyna ylalaşýarlar. Taraplaryň yhlasly gepleşiklerden soň çözmäge ukypsyz bolan şu Ylalaşyga degişli bolan islendik gapma-garşylyk ýa-da jedel, ýa-da onuň bozulmalary ilki Taraplaryň ýokarky böleginiň Menejmentine berilmelidir. Taraplar eger-de Siz- şahsy tarap hökmünde özüňiz bolsaňyz, gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyndan soň otuz (30) günüň dowamynda duş gelýän özleriniň ýokarky böleginiň menejmentiniň wekilleriniň üsti bilen we eger-de Siziň ýurisdiksiýaňyzda ulanylýan kanun boýunça belli bir gadagan edilen ýagdaýlardan başga duş gelenden soň otuz (30) günüň dowamynda Taraplar şeýle gapma-garşylygy ýa-da jedeli çözmäge ukypsyz bolsa, onda şu gapma-garşylyk ýa-da jedel düzgünlerine salgylanma şu bende goşulan häzirki wagtda hereket edýän Halkara arbitražyň Singapurdaky Merkeziniň ("SIAC düzgünleri") Arbitraž reglamentine laýyklykda Singapurda geçiriljek arbitražyň üsti bilen gutarnykly we hökmany tertipde ýola salynmalydyr. Kazyýet SIAC Başlygy tarapyndan bellenen bir araçydan ybarat bolmalydyr. Arbitražyň dili iňlis dili bolmalydyr. Eger-de ýokarda beýan edilen şertler Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky kanuna laýyklykda gadagan edilse, onda arbitraž şeýle amala aşyrylmalydyr: (i) Siziň ýurisdiksiýaňyzda geçirilmeli; (ii) Halkara söwda palatasynyň Arbitražynyň Düzgünlerine ("Halkara Söwda Palatasynyň Düzgünleri") laýyklykda arbitraž tertibinde çözülmeli; we (iii) Halkara Söwda Palatasynyň Düzgünlerine laýyklykda bellenen bir araçy tarapyndan diňlenilmeli we araçynyň bellenilmeginden soň otuz (30) günüň dowamynda Taraplar tarapyndan özara ylalaşylmaly, onuň makul däl bolan ýagdaýynda bitarap üçünji tarap araçyny bellemelidir. Her Tarap arbitraž işine garamaklyk bilen bagly bolan harajatlaryň ýarsynyň bir bölegini çekmelidir. Taraplaryň arasynda hiç bir gapma-garşylyk ýa-da Siz bilen däl-de, başga tarap bilen gapma-garşylyk RIM-niň deslapky ýazmaça görnüşindäki razylygy bolmazdan, birleşdirilip bilinmez. Araçy tarapyndan çykarylan çözgüt boýunça garaýyş degişli ýurisdiksiýasy bar bolan islendik Kazyýete geçirilip biliner. Ýokarda agzalanlara garamazdan, RIM-niň şulara degişlilikde talaplar ýa-da jedeller üçin umumy hukugyň kadalary boýunça hereket edýän kazyýetde hukuk ýa-da deň derejedäki kazyýet işlerini çözmeklige, şol sanda hukuk taýdan gorag serişdeleri hökmünde kazyýet işine garamaklygyň başyny başlamaga hukugy bar: (i) eger-de ulanylýan bolsa, Siziň BlackBerry Solution-y ýa-da onuň islendik bölegini satyn almagyňyz sebäpli Siziň tarapyňyzdan RIM-den karz alnan möçberler; we (ii) Siziň tarapyňyzdan şu Ylalaşygyň "Kriptografiýanyň stol üstündäki goldawy" (6 bölüm), "Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň ulanylmagy" (3 bölüm), "Maksatnamalaýyn üpjünçilik we ygtyýarnama resminamalary" (2 bölüm), "Intellektual eýeçiligi" (7 bölüm), "Eksport, import we ulanmak üçin çäklendirmeler hem-de Amerikanyň Hökümetiniň ygtyýarnamalary" (9 bölüm), "Howpsuzlyk" (10 bölüm), " Gizlinlik we dolanyşyk taslama etmekligiň gadagan edilmegi" (11 bölüm) we "Ýatyrmagyň täsiri" (14 bölüm) bölümleriň bozulmagy ýa-da bozmaga haýbat. Siz ýurisdiksiýa, forumyň oňaýsyzlygy sebäbi bilen ýa-da şular ýaly islendik esaslar boýunça islendik närazylykdan yzyna çagyryşsyz boýun gaçyrýarsyňyz we ulanylýan kanun boýunça rugsat edilen poçta ýa-da islendik başga usul bilen prosessual mälim edişe yzyna çagyryşsyz ylalaşýarsyňyz, we şu Ylalaşygyň netijesi bolup durýan ýa-da onuň bilen bagly bolan islendik şular ýaly talaplar üçin Singapurda ýerleşen kazyýetleriň ýurisdiksiýasyna ýüz tutýarsyňyz, yzyna çagyryşsyz ylalaşýarsyňyz we ony ykrar edýärsiňiz. Taraplar şu Ylalaşyga laýyklykda gapma-garşylyklar bolan ýagdaýda şu gapma-garşylygyň umumy hukugyň kadalary boýunça hereket edýän kazyýetde çözüljekdigine, şu jedeliň oturdaşly

geçýän kazyýetde çözülip bilinmejekdigine belli bir derejede ylalaşýarlar. Taraplar hakykatdan hem şu Ylalaşyk bilen bagly bolan ýa-da onuň netijesi bolup durýan islendik meselede oturdaşly geçýän kazyýetde işe garamak üçin ähli hukuklardan boýun gaçyrýarlar.

(e) Bölekleýin ylalaşyk. Eger-de şu Ylalaşygyň islendik Bölümi, bendi, şerti, sözlemi ýa-da bölegi (Bölek) islendik ýurisdiksiýada ygtyýarly edara tarapyndan bikanun, hakyky däl ýa-da kanuny güýji ýok diýip, ykrar edilse, onda şu Bölegiň şeýle kesgitlemesi şulara degmez: (i) şu Ylalaşygyň galan Bölekleriniň kanunylygy, hukuk güýji ýa-da hukuk sanksiýalar bilen üpjünligi; ýa-da (ii) islendik baýga ýurisdiksiýada şu Bölegiň kanunylygy, hukuk güýji ýa-da hukuk sanksiýalar bilen üpjünligi, we eger-de mümkin bolsa, şeýle Bölek çäklendiriler, we diňe şondan soň zerur bolan ýagdaýynda Ylalaşygyň talap güýjüne eýe bolmagy üçin talap edilýän derejä çenli aýrylyp biliner.

(f) Dil. Eger-de şu Ylalaşyk iňlis dilinden başga islendik dile terjime edilse, onda iňlis dilindäki görnüşi islendik dawa-jedelde ýa-da iňlis dilindäki görnüşi bilen islendik terjime edilen görnüşiniň arasynda manysynda deňgelmezlikde agdyklyk eder. Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky kanuna laýyklykda gadagan edilen ýagdaýdan başga, şu Ylalaşyga degişli bolan islendik we ähli gapma-garşylyklar, jedeller, dellalçylyk, arbitraž ýa-da çekişme iňlis dilinde geçirilmelidir, şol sanda, çäklenmän, hiç bir hat alyşmalar, açylyş, tabyn etme, bellige alyş, çekişmeli kagyzlar, töwekgelçiligiň esaslarynyň dilden arzasy, deliller, kazyýetde çykyş etmeler we buýurmalar ýa-da garaýyş.

(g) Ylalaşyksyzlyk. Eger-de şu Ylalaşyk bilen maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin haýsydyr ygtyýarnamanyň ýa-da gaplamada üpjün edilen ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň haýsydyr böleginiň ýanyndaky maglumatlarynda ahyrky peýdalanyjynyň ylalaşygynyň (şu Ylalaşykdan başga) arasynda ylalaşyksyzlyk bolsa, onda şu Ylalaşygyň şertleri ylalaşyksyzlyga çenli ulanmalydyr. Eger-de şu Ylalaşyk bilen maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin haýsydyr ygtyýarnamanyň ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçilige haýsydyr kämilleşdirmeler ýa-da täzelemeler sebäpli, üpjün edilen ahyrky peýdalanyjynyň ylalaşygynyň arasynda ylalaşyksyzlyk bolsa, onda başga ygtyýarnamanyň ýa-da ylalaşygyň şertleri ylalaşyksyzlyga çenli ulanmalydyr. Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň islendik böleginiň gaplamasynda üpjün edilen islendik resminamalar bilen RIM-niň degişli Önümi ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň nokady üçin Resminamalaryň arasynda islendik ylalaşyksyzlyk bolan ýagdaýda Resminamalaryň şertleri ylalaşyksyzlyga çenli ulanmalydyr.

(h) Doly ylalaşyk. Şu Ylalaşyk (onuň islendik Goşundylarynyň maksady bilen Goşundynyň mazmunyna degişlilikde Goşundylaryň möhletlerini öz içine alsa), şu mazmuna degişlilikde we hiç hili şertler, ylalaşyklar, aragatnaşyklar, düşünjeler, kepillikler, borçnamalar, kömekçi ylalaşyklar ýa-da şu Ylalaşykda beýan edilenden başga, Maksatnamalaýyn üpjünçilige degişli bolan, Taraplaryň arasyndaky ylalaşyklar bolmasa, Taraplaryň doly ylalaşygyny düzer. Ýokarda agzalanlara garamazdan, Taraplaryň arasyndaky beýleki ylalaşyklar Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň beýleki bölekleriniň ulanylmagy bilen dolandyrylyp biliner. Şu Ylalaşyk dilden ýa-da ýazmaça görnüşinde Ylalaşygyň mazmunyna degişli bolan islendik ozalky ýa-da bir wagtdaky şertleriň, ylalaşyklaryň, aragatnaşyklaryň, düşünjeleriň, kepillikleriň, borçnamalaryň, kömekçi ylalaşyklaryň we Taraplaryň arasyndaky ylalaşyklaryň ornuny tutar, we Siz şu Ylalaşyga girişmeklik barada çözgüt kabul edilende ozalky ylalaşyklaryň hiç birine ynanmaýandygyňyzy ykrar edýärsiňiz. Şu Ylalaşyk Taraplaryň arasyndaky özara ylalaşyk arkaly islendik wagtda düzedilip biliner. RIM-niň ulanylýan kanun bilen mese-mälim çäklendirilen ýagdaýlaryndan başga, Sizi elektronika arkaly üýtgetmäniň islendik sebäbi barada (Mälim edişiň şertlerinde ýokarda garalyşy ýaly) mälim ediş bilen üpjün edip ýa-da RIM soňra göz öňünde tutulýan esas boýunça şu Ylalaşyga üýtgetmeleri girizmek

boýunça ýa-da kanuna laýyklykda talap edilýän üýtgetmeleri görkezmek boýunça (şol sanda şu Ylalaşygyň hukuk sanksiýasy bilen üpjünligiň kepilligi üçin üýtgetmäni çäklendirmän) ýa-da http://.blackberry.com/legal üýtgetme barada mälim edişi ugradyp, işewür gatnaşyklar tejribesinde üýtgetmeleri görkezmek boýunça hukugy özünde galdyrýar, we Siz üýtgetmeleriň sebäbine görä şu saýta hemişe seredip geçmelisiňiz. Eger-de üýtgetme barada duýduryş edilenden soň altmyş (60) günden gowrak wagt geçenden soň Siz Maksatnamalaýyn üpjünçiligi we/ýa-da Hyzmatlary ulanmagy dowam etdirseňiz, onda Siziň şu üýtgetmäni kabul etdiňiz diýlip, hasap ediler. Eger-de Sizde üýtgetme (-lar) barada soraglaryňyz bar bolsa, üýtgetme (-ler) barada duýduryş edilenden soň altmyş (60) günüň dowamynda biz bilen legalinfo@rim.com üsti bilen habarlaşyň.

(i) Kanun bilen razylyk. Siz öz hasabyňyza kanuny ýerine ýetirmek we şu Ylalaşygyň ýa-da islendik bagly bolan ylalaşyklaryň işlemegi üçin Siziň ýurisdiksiýaňyzda häkimiýetler ýa-da ulanylýan kanun bilen talap edilýän ähli ygtyýarnamalary, bellige alyşy we makullamalary alyň we goldaň. Esasan-da, şübhelenmeleri aradan aýyrmak üçin Siz ähli ulanylýan kanunlary we gözükdirijileri ýerine ýetirersiňiz hem-de ulanylýan kanun tarapyndan talap edilýän täjirçilik şifrlemäni ýa-da beýleki howpsuzlyk funksiýasyny öz içinde saklaýan islendik Maksatnamalaýyn üpjünçiligi import etmek we ulanmak üçin ygtyýarly häkimiýetlerden islendik zerur bolan ygtyýarnamany, bellige alyşy we makullamany alarsyňyz. Siz RIM-niň şu borçnama bilen Siziň razylygyňyzy barlamagy döwürleýin sorap biljek RIM-i kepillikler we resminamalar bilen üpjün edersiňiz.

27. Ylalaşyklaryň birleşmegi. Şulary kepillendirmek üçin: (a) haçan-da her haýsysy Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň bölegi hökmünde ulanylanda, BlackBerry PK, BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn üpjünçiligine we BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligine yzygider möhletleriň ulanylmagy; we (b) ygtyýarnamanyň hereket ediş möhletleriniň BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligine ulanylýan aýdyňlyk, haçan-da ol Siz şeýle BlackBerry Çaklaň Maksatnamalaýyn üpjünçiligini alan usulyňyza garamazdan, Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň bölegi hökmünde ulanylanda, SIZIŇ ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINI KABUL ETMEGIŇIZI GÖRKEZIP, ÝOKARDA GÖRKEZILEN GÖRNÜŞDE SIZ ŞU YLALAŞYGYŇ BLACKBERRY AHYRKY PEÝDALANYJYSYNYň OZAL BAR BOLAN YLALAŞYKLARYNYŇ ORNUNY TUTÝANDYGYNA WE OLARY ÇALYŞÝANDYGYNA YLALAŞÝARSYŇYZ / HAÇAN-DA ŞU YLALAŞYKLARYŇ BAŞGAÇA ULANYLMAÝAN ÝAGDAÝLARYNDAN BAŞGA, SIZIŇ ŞU YLALAŞYGY KABUL EDÝÄN SENÄŇIZDE SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ BÖLEGI BOLUP DURÝAN ISLENDIK MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINE MAKSATNAMALAR TOPLUMYNY ULANMAK ÜÇIN YGTYÝARNAMALAR WE BLACKBERRY KÄRHANASYNYŇ SERWERINIŇ MAKSATNAMALAR TOPLUMYNY ULANMAK ÜÇIN YGTYÝARNAMALAR BARADA YLALAŞYKLAR.

ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERI BARADA SORAGLARYŇYZ ÝA-DA MESELELER ÝÜZE ÇYKSA legalinfo@rim.com SALGY BOÝUNÇA RIM BILEN HABARLAŞMAGYŇYZY HAÝYŞ EDÝÄRIS.

BlackBerry Ahyrky peýdalanyjynyň maksatnamalar toplumyny/ BlackBerry kärhanasynyň serwerini ulanmak üçin Ygtyýarnama, Siziň BlackBerry Solution-yňyz üçin RIM bilen Sizde bar bolan beýleki ylalaşyklarda ýa-da resminamalarda BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin Ygtyýarnama barada Ylalaşyga ähli salgylanmalar şu BlackBerry Solution Ygtyýarnama ylalaşygyna salgylanmalar bolup durýar (haçan-da şu salgylanmanyň kontekstde manysy bolmadyk, mysal üçin, şu şertdäki ýaly BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin Ygtyýarnama barada Ylalaşygyň ozalky görnüşlerine salgylanmalar BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin Ygtyýarnama barada şu Ylalaşyga salgylanmalar diýip, hasap edilip bilinmez).

Ozal bar bolan BlackBerry Ahyrky peýdalanyjynyň maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin Ygtyýarnama barada Ylalaşyklara islendik düzedişler ýa-da goşundylar / RIM-niň Size islendik maksatnamalaýyn üpjünçiligini getiren kärhanalary ýa-da BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin Ygtyýarnamalary ýa-da BlackBerry maksatnamalar toplumyny ulanmak üçin Ylalaşyklary şu BlackBerry Solution Ygtyýarnama ylalaşygyna düzedişler ýa-da goşundylar diýlip, hasap edilmelidir.

EGER-DE SIZDE ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINE DEGIŞLILIKDE HAÝSYDYR SORAGLARYŇYZ ÝA-DA ARZ-ŞIKAÝATLARYŇYZ BAR BOLSA, RIM BILEN legalinfo@rim.com ARKALY HABARLAŞYŇ.